PETRONAS

# “PETRONAS” kompaniýasynyň Özüňi alyp baryş we Iş ahlak kadalary



PETRONAS Özüňi alyp baryş we iş ahlagy kadalary PETRONAS tarapyndan iş alnyp barylýan hemme ýurtlarda ulanmak üçin umumy salgylanylýan maglumat bolup durýar. Ol ähli degişli kanunlary ýa-da PETRONAS syýasatlaryny beýan etmeýär ýa-da belli bir kanun ýa-da syýasat barada doly jikme-jik maglumat bermeýär. Ol hukuk maslahaty bolup durmaýar. Ol iş şertnamasyny düzmeýär ýa-da döretmeýär. PETRONAS habar bermezden we Kadalary gözden geçirmezden islendik syýasaty, tertip-düzgüni ýa-da şerti üýtgetmek, gözden geçirmek, ýatyrmak ýa-da ondan ýüz öwürmek hukugyny özünde saklaýar. Mundan başga-da, Kadalaryň düzgünlerini ýerli kanunlara we şertlere uýgunlaşdyrmak üçin olaryň PETRONAS tarapyndan üýtgedilmegi mümkin.

CoBE 2022

# Mazmuny

**Kompaniýalar Toparynyň Prezidenti we Baş ýerine ýetiriji Direktorytarapyndan sözbaşy** ........ i
**Umumy iş ýörelgeleri** ........ iv
**Giriş** ........ 1

## Bölüm I: Esasy gymmatlyklar we medeniýet

1. Iş ýüzünde ulanylyşy ........ 2
2. Korporatiw gymmatlyklar we medeniýet ........ 6
3. Kesgitlemeler ........ 8

## Bölüm II: Akýüreklilik, wepalylyk, yhlaslylyk we dogruçyllyk boýunça borçnamalar

### Bölüm II A: Bähbitleriň çaknyşmagy

1. Bähbitleriň çaknyşmagynyň öňüni almak boýunça borçnama ........ 9
2. Özüňiziň ýa-da maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň gönümel ýa-da gytaklaýyn bähbidi bar ýerde işe gatnaşmak ........ 12
3. Karar bermäge gatnaşýan tarap bolsaňyz, ýüze çykýan bähbitleriň çaknyşmagy ........ 14
4. Üçünji taraplara adyl däl artykmaçlyk berýän aýan etmeler ........ 16
5. “PETRONAS” kompaniýasynyň müşderileri, üpjünçileri, potratçylary we satyjylary bilen şahsy geleşikler ........ 17

### Bölüm II B: Korrupsiýa we ahlaky däl hereketlere garşy göreşmek

6. Para bermäge mejbur etmek, parahorluk we korrupsiýa ........ 18
7. Işi çözmek üçin tölegleri almak ........ 20
8. Komissiýalaryň, arzanladyşlaryň we gizlin girdejileriň gadagan edilmegi ........ 21
9. Gizlin girdejileriň ýa-da gazançlaryň gadagan edilmegi ........ 22

9A. Sowgatlar we göwün açma ........ 22

10. Sowgatlary we göwün açmagy kabul etmek ........ 24
11. Sowgatlary we göwün açmagy bermek ........ 25
12. Döwlet işgärleri ........ 26
13. Jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we kontragentleriň giňişleýin barlagy ........ 28

### Bölüm II C: Milli we halkara söwda

14. Monopoliýa garşy / bäsdeşlik barada kanunçylyk ........ 30
15. Eksport we import gözegçiligi, halkara boýkotlar we ykdysady sanksiýalar maksatnamalary ........ 33

**Bölüm II D: “PETRONAS” kompaniýasynyň aktiwleri**

16. Aktiwler, desgalary, serişdeler we resminamalar boýunça jogapkärçilik ..... 35

**Bölüm II E: Maliýe meselelerinde dogruçyllyk**

17. Içerki gözegçilik we proseduralar ..... 37

**Bölüm II F: Gizlinlik babatda borçnamalar / Intellektual eýeçilik/ Jemgyýetçilik aragatnaşygy**

18. Gizlinlik ..... 38
19. Şahsy maglumatlaryň goralmagy ..... 40
20. Insaýder geleşigi ..... 41
21. Oýlap tapyşlar we kompýuter programmalary ..... 42
22. Üçünji tarapyň intellektual eýeçiligi ..... 44
23. Maglumatlaryň neşir edilmegi ..... 45
24. Köpçülige niýetlenilen beýannamalar ..... 46
25. Kepillik hatlaryny bermek ..... 47
26. Sosial torlar/ maglumat tehnologiýasy we ulgamlary ..... 48

**Bölüm II G: Päk ýürekden zähmet çekmek borçnamasyna garşy gelýän hereketler**

27. Işi utgaşdyrmak ýa-da Kompaniýanyň daşynda täjirçilik işi ..... 52
28. Halka hyzmat, dynç alyş, sport, kärdeşler arkalaşygy we jemgyýetçilik çäreleri ..... 54
29. Siýasy çäreler ..... 56
30. Gazetleriň redaktory hökmünde çykyş etmegiň ýa-da neşirýatyň islendik görnüşiniň gadagan edilmegi ..... 57
31. Metbugata gatnaşmak ..... 58

**Bölüm II H: Aýan etmek boýunça borçnamalar**

32. Düzgünleriň we kadalaryň bozulmalaryny habar bermek boýunça borçnamaňyz ..... 59
33. Artykmaç tölegleriň aýan edilmegi ..... 61

**Bölüm III: Iş ýeriniň medeniýeti we gurşawy**

1. Iş ýeriniň howpsuz, ygtybarly we amatly bolmagynyň ähmiýeti ..... 62
2. Hukuklaryň bikanun kemsidilmegi ..... 63
3. Durnukly ösüş ..... 64
4. Teklip edilýän geýinmegiň düzgünleri ..... 65
5. Jynsy taýdan azar bermek ..... 66
6. Iş ýerinde işden daşarky gatnaşyklar ..... 67
7. Zähmetiň goragy, howpsuzlyk we daşky gurşaw ..... 68
8. Psihotrop serişdelerini ulanmak (Neşe serişdelerini we spirtli içgileri çendenaşa köp sarp etmek) ..... 69

9. Pul karz almak ... 71
10. Iş ýerinde kemsitmek we azar bermek ... 72
11. Adam hukuklary ... 74

## Bölüm IV: Tertip-düzgun, düzgün-nyzamy berjaý etmek boýunça çäreler we sanksiýalar

1. Özüňi oňat alyp barmagyň we tertip-düzgüni berjaý etmegiň ähmiýeti ... 75
2. Düzgün-nyzamy berjaý etmek boýunça çäreler we sanksiýalar ... 79

# Kompaniýalar toparynyň prezidenti we baş ýerine ýetiriji direktory tarapyndan sözbaşy

“PETRONAS” kompaniýasy toparynyň işgärlerine gollanma hökmünde birinji gezek 2012-nji ýylda neşir edilen “PETRONAS” kompaniýasynyň Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalary (“ÖABweIAK”) “PETRONAS” kompaniýasy toparynyň işgärinden özüniň işini ýerine ýetirýän wagty we islendik iş geleşigine gatnaşanynda ýerine ýetirmegine garaşylýanlary we özüni alyp baryş ülňülerini beýan edýär.

ÖABweIAK “PETRONAS” kompaniýasynyň wepalylyk, dogruçyllyk, ussatlyk we jebislik babatda hemişelik umumy gymmatlyklarynyň binýadynyň esasynda döredildi.

Biziň iş alyp barýan dünýämiz we iş gurşawymyz üýtgemegini hem-de ösmegini dowam etdirýär. Häzirki wagtda başga energiýa çeşmelerine geçiş güýjese-de, nebit-gaz pudagyndan köp zada garaşylýar we ol berk gözegçilikde saklanylýar. Daşky gurşawyň, jemgyýetiň we dolandyryşyň meseleleri durnukly ösüşiň esasy sütünleri bolmagynda galýar: olar biziň alyp barýan işimiziň aýrylmaz bölegini düzmeli.

Şu şertlerde sazlaşyklylygy ýokarlandyrmak we netijeli dolandyryş gözegçiligini goldamak üçin Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalaryny ýer ýüzündäki işlerimiz boýunça utgaşdyrmagymyz möhüm bolup durýar.

Biziň “Durnukly ösüşli geljek üçin durmuşy baýlaşdyrýan öňdebaryjy energiýa we çözgütler boýunça hyzmatdaş” atly Niýet jarnamamyza laýyklykda Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalarymyz indi ýerli we halkara kanunçylykdaky hem-de terjibedäki ösüşleri, şeýle hem tehnologiýadaky we dolandyryşdaky öňegidişlikleri öz içine alar ýaly giňeldildi.



Biziň berjaý edýän ahlak ülňülerimiz we özümizi alyp barşymyz biziň bilen işleşýän hemmeleriň ynamyny gazanmagyň binýady bolup durýar. Diňe şu ynam binýady bilen başga zatlaryň hemmesi gurlup bilner.

Şol sebäpli, dogruçyllyk "PETRONAS" kompaniýasynyň işgäriniň tapawutlandyryjy aýratynlygy bolmaly - galyberse-de, biz indi dogruçyllyk babatda bizden garaşylýanlary biziň ekoulgamymyzda işleýänlere hem degişli bolar ýaly etmeli.

Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalary diňe bir "PETRONAS" kompaniýasy toparynyň bütin dünýädäki hemme işgärlerine we ýolbaşçylaryna däl, eýsem biziň potratçylarymyza, kömekçi potratçylarymyza, geňeşçilerimize, wekillerimize, wekiliýetlerimize we "PETRONAS" kompaniýalar topary üçin ýa-da onuň adyndan işi ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirýän başgalara hem degişli bolar. Esasan hem, Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalary diňe bir işgärleriň we müdirleriň däl, eýsem "PETRONAS" kompaniýalar topary ndaky kompaniýalar üçin ýa-da olaryň adyndan işi ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirýän üçünji taraplaryň hem bikanun para bermäge mejbur etmegini, parahorlugy we beýleki ykdysady jenaýatlara gatnaşmagyny aç-açan gadagan edýär.

Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalarynyň halkara derejesinde degişlidigini göz öňünde tutup, Kadalaryň käbir düzgünleri "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan iş alnyp barylýan ýerli ýurisdiksiýalaryň talaplaryna uýgunlaşdyrmak üçin üýtgedildi. Ýerli ýurisdiksiýalarda hereket edýän kanunçylygy we jemgyýetçilik däplerini berjaý etmek üçin zerur bolan ýagdaýda Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalarynyň aýratyn "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan  bolmagy dowam etdiriler.

Şonuň bilen bir hatarda, Özüňi alyp baryş we iş ahlak babatda biziň aýtmak isleýänlerimiziň hem-de garaşýanlarymyzyň olaryň ulanylýan ýurtlarynda aýdyň we netijeli görnüşde ýetirilmegini kepillendirmek üçin belli "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan ýurt goşundylary dürli dillere terjime edildi.

“PETRONAS” kompaniýasyndaky her bir şahs oňat saýlawlary amala aşyrmak we dogruçyllygy durmuş ýörelgesi hökmünde kabul etmek üçin hökmany suratda jogapkär bolup durýar. Biziň işimizi jogapkärçilikli görnüşde ýerine ýetireniňizde we dogry zatlary amala aşyrmagy borçnama edineniňizde hem sözleriňiz, hem hereketleriňiz bilen muny gollanma hökmünde ulanyň.

Şeýtmek biziň hemmämiz üçin - PETRONAS topary, hyzmatdaşlarymyz we müşderilerimiz üçin durnukly ösüşi we has uly üstünligi kepillendirer.

Sag boluň.



**DATUK TENGKU MUHAMMAD TAUFIK**
Kompaniýalar toparynyň Prezidenti we Baş ýerine ýetiriji Direktor

# Umumy iş ýörelgeleri



**“Petroliam Nasional Berhad (PETRONAS”) jemgyýetiň öňegidişligine jogapkärçilikli we durnukly görnüşde kuwwat bermek esasy maksady bolan ýer ýüzünde iş alyp barýan energiýa we çözgütler kompaniýasy bolup durýar. Dünýäniň iň iri korporasiýalarynyň biri hökmünde kabul edilmek, Fortune Global 500® sanawyna girizilmek bilen ýer ýüzünde 100-den gowrak ýurtda jemi 46884 işgärimiz bar.**

**“PETRONAS” kompaniýasy hökmünde kompaniýamyzyň durnukly ösüşli geljek üçin ýaşaýşy baýlaşdyrýan öňdebaryjy energiýa we çözgütler hyzmatdaşy bolmagy ugrunda tagalla edýäris.**

Tutuş dünýädäki energetika pudagynda jogapkär we dogruçyl gatnaşyjy bolmak ugrundaky borçnamamyzy goldamakda biziň edýän işlerimizde we olary nähili ýerine ýetirýändigimizde durnukly ösüş esasy göz öňünde tutulýan zat bolup durýar. Öz işimizi jogapkär görnüşde ösdürmegi, jemgyýete we daşky gurşawa oňyn goşant goşmagy özümize borçnama edip goýýarys.

## Ýer ýüzünde energiýa we çözgütler hyzmatdaşy hökmünde köpýyllyk tejribämiz

1974-nji ýyldan bäri “PETRONAS” kompaniýasyny ýurduň içindäki milli nebit kompaniýasyndan doly ornaşdyrylan halkara nebit-gaz korporasiýasyna özgertdik. Bu tejribe bizi uglerodyň bölünip çykarylmagy pes bolan ykdysadyýete geçişde öňdebaryjy bolmak we jemgyýetiň öňegidişligine mundan beýläk hem goşant goşmak babatda ýeňiji formula bilen üpjün etdi.

## Şeýle hem, tutuş dünýäde iş alnyp barylýan çägi has hem giňeltmek

Biz 100-den gowrak ýurtlarda güýçli görnüşde gatnaşýan gurama bolup durýarys we jogapkärçilikli energiýa çözgütlerini ýetirmek üçin ýer ýüzünde energiýa mümkinçiliklerini agtarmaga jan edýäris.

## Öz işine berlen adamlaryň topary tarapyndan alnyp barylýar

Adamlar ösüş üçin güýjümiz we hyzmatdaşlarymyz bolup, durnukly energiýa çözgütlerine tarap öňe gitmek üçin innowasiýa höwesimizi herekete getirýän güýç bolup durýar. Ýer ýüzündäki 46884 işgärimiz uglerodyň has az bölünip çykaryljak geljeginde gülläp ösmek üçin zerur ukyplara eýe bolmak bilen strategik maksatlarymyza amal etmekde öň hatarlarda bolmagyny dowam etdirýärler.

## Şeýle hem, jogapkärçilikli dolandyryş bilen berkidilen

Kompaniýalar Topary hökmünde öz işimizi we amallarymyzy alyp barmakda dogruçyllygyň iň ýokary ülňülerine ýetmek üçin tagalla edýäris. Gowy dolandyryş we ahlakly iş tejribelerini kepillendirmek üçin ygtybarly syýasatlarymyz, ulgamlarymyz we teswirnamalarymyz ornaşdyrylan.

## Giňelýän işimizi we aktiwlerimiziň portfelini goldaýar

Malaýziýada we daşary ýurtlarda çig nebiti hem-de tebigy gazy agtarmakda, işläp düzmekde we çykarmakda üstünliklerimiziň uzak möhletleýin taryhy bar. Häzirki wagtda dünýäniň energiýa ulgamlarynyň geçiş döwründe portfelimiz has arassa adaty uglewodorodlary, täzelenýän gorlary we ösen önümleriň hem-de uýgunlaşýan çözgütleriň köp sanlysyny öz içine alar ýaly giňelýär.



# Giriş

## “PETRONAS’ kompaniýasy dogruçyllygyň, özüňi ahlakly alyp barmagyň, ussatlygyň iň ýokary ülňülerini saklamagy we özüniň ähli işlerinde hemme hereket edýän kanunlary berjaý etmegi borçnama edinýär.

### “PETRONAS’ kompaniýasy şulary üznüksiz berjaý eder:

- Ahlak we dogruçyllyk babatda hereket edýän kanunlardaky ösüşler bilen kybapdaş bolmak
- Içerki gözegçiligi we töwekgelçiligi dolandyrmagy gurşaýan ygtybarly dolandyryş çarçuwasyny we mehanizmini ornaşdyrmak
- Kanunçylyga laýyklyk meýilnamasyny girizmek we durmuşa geçirmek arkaly dogruçyllyk, özüňi ahlakly alyp barmak we ussatlyk medeniýetinde terbiýelemek
- Düzgün bozulmalar barada habar bermek üçin netijeli kanalyň bolmagy

“PETRONAS” kompaniýasynyň Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalary (“Kadalar” ýa-da “ÖABweIAK”) “PETRONAS” kompaniýasynyň we “PETRONAS” kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan işi ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirýän üçünji taraplaryň her bir işgärine, müdirine, ýolbaşçysyna degişli bolup durýar. “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan paýnamalaryň aglaba köpçüligine eýeçilik edilmeýän bilelikdäki kärhanalara we “PETRONAS” kompaniýasy bilen baglanyşykly kompaniýalara şu Kadalary ýa-da şoňa meňzeş ýörelgeleri we ülňüleri kabul etmek ündelýär.

“PETRONAS” kompaniýasy özüniň bikanun ýa-da ahlaga garşy hereketlere gatnaşan işgärlerine, müdirlerine ýa-da ýolbaşçylaryna garşy berk düzgün-nyzam çärelerini durmuşa geçirýär. “PETRONAS” kompaniýasy şeýle nädogry işlere gatnaşandygy ýüze çykarylan üçünji taraplar bilen iş gatnaşyklaryny ýatyrmak hukugyny özünde saklaýar.

“PETRONAS” kompaniýasy öz işgärleriniň we “PETRONAS” kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan işi ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirýän üçünji taraplaryň şu Kadalary hemişe berk berjaý etmegini talap edýär.

# Bölüm I:

# Esasy gymmatlyklar we medeniýet

## 1. Iş ýüzünde ulanylyşy

**1.1** Bu Kadalaryň “PETRONAS” kompaniýalar toparynyň ýer ýüzündäki her bir işgärine degişli bolmagy niýetlenilýär. Şeýle-de onuň, şu Kadalarda başgaça beýan edilen ýagdaýlardan başga, şol kompaniýalaryň (ýerine ýetiriji ýa-da ýerine ýetiriji däl wezipedäki) her bir müdirine degişli bolmagy niýetlenilýär. Berjaý etmedik ýagdaýyňyzda, netijeleri “PETRONAS” kompaniýasy üçin çökder bolup biler we hereket edýän kanunçylygyň düzgünlerine tabynlykda size garşy düzgün-nyzam çäresiniň görülmegine ýa-da hatda “PETRONAS” kompaniýasyndan işden çykarylmagyňyza sebäp bolup biler.

**1.2** Şu Kadalar “PETRONAS” kompaniýasy bilen işleşýän üçünji tarap hökmünde size degişli bolup durýar we “PETRONAS” kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan wekil, araçy bolup çykyş edýän bolsaňyz, oňa harytlary we/ýa-da hyzmatlary üpjün edýän bolsaňyz ýa-da “PETRONAS” kompaniýasy bilen iş geleşiginde kontragent bolup durýan bolsaňyz, “PETRONAS” kompaniýasy sizden dogruçyllygyň we işde özüňi alyp barmagyň şol bir derejesini talap edýär. “Üçünji taraplar” müdiri, wezipeli işgäri, işgäri, wekili, geňeşçini, wekiliýeti, ygtyýarnama berleni, maslahatçyny, kömekçi potratçyny, islendik hyzmaty üpjün edijini goşmak bilen, ýöne bular bilen çäklenmezden hem şahslary, hem ýuridik taraplary aňladýar. Berjaý etmedik ýagdaýyňyzda “PETRONAS” kompaniýasy üçin hem, özüňiz üçin hem netijeleri çökder bolup biler we “PETRONAS” kompaniýasy onuň netijesinde düzgün bozulmany düzetmek üçin düzediş çärelerini durmuşa geçirmegiňizi sizden sorap ýa-da hatda siziň bilen iş gatnaşygyny togtadyp ýa-da bes edip we şu Kadalaryň bozulmagy üçin size garşy bizde bar bolmagy mümkin islendik beýleki şertnamalaýyn hukuklarymyzdan peýdalanmagyň ugruna çykyp biler.

**1.3** “PETRONAS” kompaniýasynyň bölümi ýa-da wezipeli işgäri, potratçylary, kömekçi potratçylary, geňeşçileri, wekilleri, wekiliýetleri ýa-da başga hyzmat üpjünçileri bilen baglymeseleleriňiz barada habar bermek isleseňiz, Bölüm başlygyňyza (HoD), Işgärler bölümine (HR bölümine), Kanuny berjaý etmek boýunça bölüme (LCD) ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyna hut özüňiz ýüz tutmagyň deregine, düzgün bozulma  barada habar bermek üçin şu kanal platformalaryna hem ýüz tutup bilersiňiz:

a) whistle@petronas.com salgysyna e-poçta ibermek

b) https://www.petronas.com/whistleblowing üsti bilen onlaýn tabşyrmak

c) Ýazmaça görnüşde: P.O Box No 11646, Pejabat Pos Besar Kuala Lumpur

Şeýle hem, has giňişleýin maglumat üçin PETRONAS websaýtyndaky Düzgün bozulmalary habar bermek boýunça syýasatymyza seredip bilersiňiz.

**1.4** Bu Kadalar iňlis we bahasa malaý dilinde taýýarlanyldy, başga dillerde-de peýda bolmagy mümkin. Islendik gapma-garşylyk ýüze çykan ýagdaýynda iňlis dilindäki görnüşi hukuk taýdan artykmaçlyk eder.

**1.5** Bu Kadalar Malaýziýadaky kompaniýalaryň topary üçin 2022-nji ýylyň 18-nji awgustynda güýje girmek bilen (“Güýje girýän senesi”) tutuş dünýäde tapgyrlaýyn görnüşde (belli ýerli uýgunlaşdyrmalar bilen) durmuşa geçirilýär. Bu babatda, ol ozalky PETRONAS Özüňi alyp baryş we iş ahlagy Kadalarynyň ýerine geçýär. Şu Kadalar güýje girmezden ozal edilen islendik bidüzgünçilik öňki PETRONAS Özüňi alyp baryş we iş ahlagy Kadalarynyň çäginde ýa-da bidüzgünçiligiň edilen wagtynda kompaniýaňyza degişlilikde hereket edýän (beýleki degişli syýasatlaryň hem-de hyzmat şertlerine we düzgünleriniň) çäginde ele alnar.

**1.6** Kanun bilen şu Kadalarda kesgitlenen düzgün ýa-da syýasatyň arasynda islendik gapma-garşylyk bar bolsa, siz kanuny berjaý etmeli. Emma, ýerli däp-dessur ýa-da syýasat bilen şu Kadalaryň arasynda islendik gapma-garşylyk bar bolsa, şu Kadalary berjaý etmegiňiz hökmany bolup durýar. Eger şu Kadalaryň bir düzgüniniň öz ýurisdiksiýaňyzdaky kanun bilen gapma-garşydygyny anyklasaňyz, hiç hili geňeşmezden şu Kadalary äsgermezlik etmän, eýsem bölüm başlygyňyz bilen, işgärler bölümi, Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen ýa-da

PETRONAS kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin bellenen şahs bilen (ýagdaýa görä) maslahatlaşmaly.

**1.7** Şu Kadalaryň düzgünleriniň "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan diňe "PETRONAS" kompaniýasynyň özüniň karar bermegi bilen wagtal-wagtal üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy mümkin. "PETRONAS" kompaniýasy diňe aýratyn ýagdaýlarda we diňe hereket edýän kanunçylyga hem-de "PETRONAS" kompaniýasynyň syýasatlaryna we tertip-düzgünlerine laýyklykda düzgünleriň berjaý edilmezligine rugsat berilmegine garaşýar. Şu Kadalara Kanuny berjaý etmek boýunça bölümiň tassyklamagy bilen ýerli gollanmalar arkaly ýurisdiksiýaňyz üçin goşmaçalaryň ýa-da üýtgetmeleriň ("ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan) girizilmegi mümkin. Esasan hem, siziň ýurisdiksiýaňyz üçin düzgün-nyzam tertiplerine we çärelerine degişli düzgünler "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan-da kesgitlenmegi mümkin. Eger şeýle düzgünler kesgitlenmedik bolsa, her bir ýagdaýda siziň ýurisdiksiýaňyzda hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna tabyn bolmak bilen standart düzgün-nyzam düzgünleri we kompaniýanyň syýasatynyň bozulmagyny ele almakdaky tejribeler degişli bolar. Bu Kadalar bir kitapçanyň ýa-da şertnamanyň şertleriniň we düzgünleriniň ýa-da şoňa meňzeş gollanmanyň ýa-da resminamanyň üsti bilen durmuşa geçirilip bilner, onda şu Kadalaryň geriminden daşarda goşmaça meseleler ele alynýan bolup biler. Siziň ýurisdiksiýaňyzda hereket edýän "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan  (bar bolsa) barada maglumat üçin Kanuny berjaý etmek boýunça bölümden maslahat soraň. Şeýle "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan , siziň ýurisdiksiýaňyz üçin şu Kadalaryň bir bölegi hasaplanar

**1.8** Bu Kadalar öz wezipäňizi ýerine ýetireniňizde size degişli bolmagy mümkin her bir kanuny, syýasaty ýa-da tertip-düzgüni anyklamaýar ýa-da kesgitlemeýär. "PETRONAS" kompaniýasy bilen işleşmegiňiziň netijesi hökmünde size degişli bolmagy mümkin kanunlar we beýleki "PETRONAS" kompaniýasynyň syýasatlary we tertip-düzgünleri barada maglumat edinmekden özüňiz jogapkär bolup durýarsyňyz. Bu Kadalar hukuk maslahaty bolup durmaýar.

**1.9** Şu Kadalar düşünmegiňize we many çykarmagyňyza kömek etmek üçin "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boyunça Gollanma" atly düşünmesi aňsat gollanma elýeter edildi we şu Kadalarda salgylanylmaly resminama hökmünde çatylýar. "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça gollanma bilen şu Kadanyň arasynda islendik gapma-garşylyk çykan ýagdaýynda şu Kadalar (siziň ýurisdiksiýaňyz üçin üsti doldurylan ýa-da üýtgedilen görnüşde) hukuk taýdan artykmaçlyk edýär.

**1.10** Ýokardakylardan başga-da, şu Kadalardaky belli bölümler "PETRONAS" kompaniýasynyň Düzgün bozulmalarboýunça habar bermek barada syýasatyna çatylýar we "PETRONAS" kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeler (ABC gollanmasy) salgylanylmaly resminama hökmünde şu Kadalarda çatylýar. Talap edilen ýagdaýynda we wagtynda şu resminamalara girizilen islendik üýtgetmeler we gözden geçirmeler salgylanma çykgydyna täzelener.

**1.11** Bu Kadalar "PETRONAS" kompaniýasynda işleýän we onuň bilen iş alyp barýan wagtyňyz öňüňizden çykyp biljek her bir ýagdaýy ele almaýar hem-de şeýle ele alýandygyny öňe sürmeýär. Şu Kadalarda berilýän düşündiriş beýanlary ýa-da mysallar siziň "PETRONAS" kompaniýasy bilen ýagdaýyňyza / gatnaşygyňyza / ylalaşygyňyza degişli bolup ýa-da bolman biler we diňe ýolbelet hökmünde çykyş edýär. Şu Kadalar size ýa-da işiňize degişli hemme kanunlary berjaý etmek babatda öz borjuňyzyň, jogapkärçiligiňiziň we hasabat berme borçnamaňyzyň ýerine geçmeýär, iş boýunça seresaply bolmakda we karar kabul etmekde paýhasly bolmagyňyzyň ýerine geçmeýär.

Salgylanylmaly resminama
- "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 2. Korporatiw gymmatlyklar we medeniýet

**2.1** “PETRONAS” kompaniýalar Toparynyň işewürligini we işlerini alyp barmakda dogruçyllygyň, aç-açanlygyň we hasabat bermegiň iň ýokary ülňülerini berjaý etmegi özüne borçnama edinýär. “PETRONAS” kompaniýasy öz işlerini ahlakly, jogapkärçilikli we aç-açan görnüşde ýerine ýetirmek ugrunda tagalla edýär.

**2.2** “PETRONAS” kompaniýasynyň işgäri hökmünde akýüreklilik, wepalylyk, yhlaslylyk we dogruçyllyk bilen “PETRONAS” kompaniýasyna hyzmat etmek siziň borjuňyz bolup durýar. “PETRONAS” kompaniýasynyň bähbitlerine laýyklykda hereket etmegiňiz we “PETRONAS” kompaniýasynyň bähbitlerine ýaramaz täsir etmegi mümkin hereketlerden ýa-da işjeňlikden saklanmagyňyz hökmany bolup durýar. Şulary hemişe berjaý etmegiňiz hökmany bolup durýar:

- dogruçyllygyň iň ýokary derejesini sap ýüreklilik bilen saklamak.
- hemişe seresaply we paýhasly bolmak.
- bähbitleriň çaknyşmagyndan gaça durmak.
- “PETRONAS” kompaniýasynyň bähbitlerine zyýan berjek görnüşde öz şahsy bähbidiňizi öňe sürmek üçin wezipäňizden ýa-da ygtyýarlyklaryňyzdan peýdalanmakdan saklanmak.

“PETRONAS” kompaniýasynyň size bildiren ynamyny we ynanjyny opurjak ýa-da ony ýok edip ýa-da oňa zyýan ýetirip biljek görnüşde özüňizi alyp barmaly däl. Bu borçlar size kanun tarapyndan ýüklenilýän borçlary çäklendirmeýär.

Şübheli, ýalňyş ýa-da ýerliksiz diýip hasaplaýan bir zat etmegiňiz sizden soralan ýagdaýynda, bölüm başlygyňyz, işgärler bölümi ýa-da Kanuny berjaý etmek bölümi bilen gönümel gepleşmek arkaly ýagdaýy ele almak ugrunda çäreleri ýerine ýetirmeli, olar size ýerlikli ýolbeledi üpjün edip biler.

**2.3** “PETRONAS” kompaniýasy sizden “PETRONAS” kompaniýasynyň işgäri hökmünde hyzmatyňyzyň döwründe şulara garaşýar:

a) ussatlygyň ýokary ülňülerine ýetmek üçin jan etmek.

b) “PETRONAS” kompaniýasyna hemişe we ähli ýagdaýlarda gepsiz-gürrüňsiz wepaly we yhlasly bolmak.

c) dogruçyllyk we akýüreklilik, hoşniýetlilik we sypaýylyk bilen hyzmat etmek.

d) şahsa ähmiýet berýän çemeleşme bilen maksatlaryň birligine esaslanýan toparyň agzybirligini görkezmek.

e) “PETRONAS” kompaniýasynyň bähbitleri we abraýy barada alada etmek borçnamasyny berjaý etmek.

f) öz borçlaryňyzy ýerine ýetireniňizde tertip-düzgüniň, bilelikde işlemegiň we yhlaslylygyň ýokary duýgusyny ýüze çykarmak.

g) “PETRONAS” kompaniýasynyň size bildiren ynamyny we ynanjyny gorar ýaly hereket etmek.

h) işiňizi ýerine ýetireniňizde döredijiligi we täze çemeleşmeleri höweslendirmek.

i) hereket edýän kanunlary, düzgünnamalary we “PETRONAS”kompaniýasynyň syýasatlaryny hem-de tertip-düzgünlerini berjaý etmek.

## 3. Kesgitlemeler

**3.1** Kontekst ýa-da gurluş tarapyndan talap edilýän ýerlerde köplük sanda ulanylan hemme sözler birlik sanda, birlik sanda ulanylanlar bolsa köplük sanda hem degişli diýlip hasaplanar; erkek jynsyndaky sözler aýal jynsyndaky we orta jynsdaky sözleri hem öz içine alar, beýleki jynsdaky sözler hem erkek jynsyndaky sözleri öz içine alar; häzirki zaman öten zamany we geljek zamany, beýleki zamanlardaky sözler bolsa häzirki zamany hem öz içine alýar.

**3.2** Bu Kadalardaky “Siz” şu Kadalaryň degişli bolup durýan islendik şahsyny aňladýar. Has kesgitli salgylanmalar ulanylanynda (“işgär” ýaly) has kesgitli salgylanma niýetlenilýär.

**3.3** Şu Kadalaryň maksatlary üçin “maşgala / öý hojalygy” adalgasy ýoldaş(lar)yňyzy, çagalaryňyzy (öweý çagalaryňyzy we ogullyk / gyzlyk alan çagalaryňyzy hem goşmak bilen), ene-ataňyzy, öweý ene-ataňyzy, doganlaryňyzy, öweý doganlaryňyzy, garry ene-ataňyzy, agtyklaryňyzy, gaýynlaryňyzy, ejeňiziň-kakaňyzyň erkek doganlaryny, aýal doganlaryny, doganlaryňyzyň ogullaryny, doganlaryňyzyň gyzlaryny we dogan oglanlaryňyzy, şeýle hem öý hojalygyňyzyň agzasy bolup durýan beýleki şahslary öz içine alýar.

**3.4** Şu Kadalaryň maksatlary üçin “işgär” adalgasy ýerine ýetirijileri, ýerine ýetiriji dälleri, kätipleri, iş saparyna ugradylanlar we gönümel hakyna tutulan şahslary hem goşmak bilen, ýöne olar bilen çäklenmezden “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan işe alnan islendik şahsy aňladýar.

**3.5** “PETRONAS” kompaniýasy adalgasy “PETROLIAM NASIONAL BERHAD” (“PETRONAS”) we onuň golçur kärhanalaryny hem-de onuň gözegçiligindäki kompaniýalary aňladýar. Umumy manyda “PETRONAS” kompaniýalar topary aňladylanynda ýeňillik üçin “PETRONAS” beýany ulanylýar. Paýnamalaryna “PETROLIAM NASIONAL BERHAD” (“PETRONAS”) tarapyndan gönümel ýa-da gytaklaýyn eýeçilik edilýän kompaniýalar aýratyn ýuridik taraplar bolup durýar.

**3.6** Şu Kadalaryň maksatlary üçin “PETRONAS” kompaniýasynda habarlaşmak üçin şahs “PETRONAS” kompaniýasy bilen iş geleşigi bolan islendik üçünji tarapyň “PETRONAS” kompaniýasyndaky ýüz tutmaly kişisini aňladýar.

# Bölüm II:

# Akýüreklilik, wepalylyk, yhlaslylyk we dogruçyllyk boýunça borçnamalar

## Bölüm II A: Bähbitleriň çaknyşmagy

### 1. Bähbitleriň çaknyşmagyndan gaça durmak boýunça borçnama

**1.1** Bähbitleriň çaknyşmagy

a) Haçan-da bir şahs "PETRONAS" kompaniýasyndaky wezipesinden maşgalasynyň we dostlarynyň bähbitlerini hem goşmak bilen öz şahsy bähbidi üçin peýdalansa, şonda onuň bähbidi "PETRONAS" kompaniýasyyň bähbitleri bilen çaknyşsa / çaknyşmagy mümkin bolsa, bähbitleriň çaknyşmagy bar bolup bilýär.

b) Bähbitleriň çaknyşmagy şahsyň öz borçlaryny bitarap we dogry görnüşde ýerine ýetirmegini kynlaşdyryp bilýär.

c) Hatda ahlaga ters ýa-da nädogry hereketler bilen netijelenmeýän hem bolsa, bähbitleriň çaknyşmagy bar bolup bilýär. Hatda karar bermegiňizde nädogry täsiriň bar ýaly görünmegi hem mesele bolup biler.

d) Bähbitleriň çaknyşmagy wezipäňizi we borçlaryňyzy "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan garaşylyşy ýaly ýerine ýetirmekde sap ýüreklilik, wepalylyk, yhlaslylyk we dogruçyllyk gymmatlyklaryny pese gaçyrýar.

Şol sebäpli, şahsy geleşikleriňiz bilen “PETRONAS” kompaniýasynyň işini alyp barmakdaky borçlaryňyzyň we jogapkärçilikleriňiziň arasynda bähbitleriň çaknyşyklaryndan gaça durmaly. Esasan hem, “PETRONAS” kompaniýasyndaky wezipäniň, gizlinlik maglumatlaryň, emläkleriň we beýleki “PETRONAS” kompaniýasynyň gorlarynyň şahsy gazanç üçin ýa-da siziň bilen baglanyşykly başgalaryň bähbidine ulanylmagy gadagan edilýär.

**1.2** Bähbitleriň çaknyşyklarynyň döremegi mümkin ýagdaýlar şulary öz içine alýar, ýöne bular bilen çäklenmeýär:

a) Haçan-da öz wezipe ygtyýarlyklaryňyzdan peýdalananyňyzda “PETRONAS” kompaniýasynyňyň bähbitlerini däl-de, maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzalarynyň, siz bilen baglanyşykly şahslaryň ýa-da dostlaryňyzyň bähbitlerini ileri tutmak.

b) Siziň, maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzalarynyň, siz bilen baglanyşykly şahslaryňyzyň ýa-da dostlaryňyzyň eýeçiligindäki ýa-da bölekleýin eýeçiligindäki işewürlige, kärhana ýa-da ýuridik tarapa dahylly geleşikler babatda “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan kabul ediljek kararlara täsir edip bilýän wezipede bolsaňyz.

c) “PETRONAS” kompaniýasy bilen ýa-da onuň garşysyna bäsleşeniňizde. Şol sebäpli, şahsy geleşikleriňiz bilen “PETRONAS” kompaniýasynyň işini alyp barmakdaky borçlaryňyzyň we jogapkärçilikleriňiziň arasynda bähbitleriň çaknyşyklaryndan gaça durmaly. Esasan hem, “PETRONAS” kompaniýasyndaky wezipäniň, ýaşyryn maglumatlaryň, emläkleriň we beýleki “PETRONAS” kompaniýasynyň gorlarynyň şahsy gazanç üçin ýa-da siziň bilen baglanyşykly başgalaryň bähbidine ulanylmagy gadagan edilýär.

d) Haçan-da bir üpjünçide, potratçyda, bäsdeşde ýa-da müşderide maliýe bähbidiňiz bar bolsa we “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan olara degişlilikde ýa-da olar babatda kabul ediljek karara gatnaşýan bolsaňyz.

e) Bir amalda maliýe bähbidiňiz bar bolsa we “PETRONAS” kompaniýasynyň oňa gatnaşýandygyny ýa-da gatnaşmak barada meýilnamalarynyň bardygyny bilýän bolsaňyz.

f) Haçan-da bir üpjünçiden, potratçydan, bäsdeşden ýa-da müşderiden tölegleri, komissiýalary ýa-da başga bähbitleri alan ýagdaýyňyzda.

**1.3** Çaknyşygyň ýüze çykýan islendik ýagdaýy işgärler bölümi bilen, kompaniýanyň degişli kätibi (müdirler babatynda) ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahs bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygy tarapyndan tassyklanmaly. Bähbitleriň çaknyşmagyny bilen badyňyza onuň häsiýetini we gerimini dolulygyna aýan etmeseňiz, bähbitleriň şeýle ähtimal ýa-da iş ýüzünde çaknyşmagy "PETRONAS" kompaniýasy üçin maddy ýa-da maddy däl zepere sebäp bolsun ýa-da bolmasyn, size garşy düzgün-nyzam çäresiniň görülmegine ýa-da dolandyryş tarapyndan çäre görülmegine eltip biler.

## 2. Maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň gönümel ýa-da gytaklaýyn bähbidi bar ýerde işe gatnaşmak

**2.1** Haçan-da siz, maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzalary ýa-da olaryň bellänleri we ynanç hatyny berenleri we siziň ýa-da olaryň täsirindäki ýa-da gözegçiligindäki islendik hasap ýa-da ýuridik tarap şulary goşmak bilen, ýöne bular bilen çäklenmezden islendik işewürligiň, firmanyň, korporasiýanyň ýa-da kompaniýanyň döredilmegini goldanynda we/ýa-da olaryň paýnamalaryna ýa-da peýda getirýän bähbidiň başga görnüşlerine (şu ýerde mundan beýläk "Maýa" diýlip atlandyrylýar) gönümel ýa-da gytaklaýyn eýeçilik edeninde sizde bähbitleriň çaknyşmagy bar diýlip hasaplanýar:

a) "PETRONAS" kompaniýasy bilen şertnamalaýyn geleşiklerinden ýa-da başga iş geleşiklerinden islendik girdejini gazanýan ýa-da islendik tölegi alýan hususy eýeçilikdäki ýuridik taraplar;

b) "PETRONAS" kompaniýasynyň bellige alnan potratçylarynyň sanawlaryna girizilen hususy eýeçilikdäki ýuridik taraplar, hatda degişli ýuridik taraplar "PETRONAS" kompaniýasy bilen şertnamalaýyn geleşiklerden ýa-da başga iş geleşiklerinden islendik girdejini gazanmaýan ýa-da islendik tölegi almaýan hem bolsa; we/ýa-da

c) Siziň ýa-da maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň bir agzasynyň 1%-den has köp eýeçilik bähbidi bolan açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri we "PETRONAS" kompaniýasyndaky işiňiziň dowamynda olara degişlilikde karar kabul etmek ygtyýaryna eýe bolup durýan bolsaňyz.

**2.2** Siziň (ýa-da maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzasynyň) ýokarda kesgitlenen ýuridik taraplaryň islendik birinde gönümel ýa-da gytaklaýyn görnüşde Maýanyň eýesi bolmagyňyza eltýän ýagdaý ýüze çyksa (mysal üçin, mirasyň ýa-da nikanyň netijesinde), bähbitleriň çaknyşmagy ähtimal ýagdaýda diýlip hasaplanarsyňyz we ýagdaýy bilen badyňyza bölüm başlygyna, işgärler bölümine, kompaniýanyň degişli kätibine (müdirler babatynda) ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa ýagdaýlary ýazmaça görnüşde aýan etmäge borçly bolarsyňyz. Bähbitleriň islendik görnüşde çaknyşmagy işgärler bölümi bilen, kompaniýanyň degişli kätibi (müdirleri babatynda) ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahs bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygy tarapyndan tassyklanmaly we şeýle maslahatlaşma bähbitleriň çaknyşmagynyň öňüni almagyň ýa-da hötdesinden gelmegiň iň ýerlikli ýoly barada teklipleri we/ýa-da maslahatlary öz içine almaly.

Bähbitleriň çaknyşmagy (ýa-da ýokarda beýan edilişi ýaly bähbitleriň çaknyşmagy ähtimal ýagdaý) size mälim bolan ýagdaýynda "PETRONAS" kompaniýasyna habar bermeseňiz we/ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň talaplaryny berjaý etmeseňiz, çaknyşyk ýagdaýynda diýlip hasaplanarsyňyz we onuň üçin size garşy ýerlikli düzgün-nyzam çäresi görülmegi mümkin.

Doly aýan edilen we "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan resmi görnüşde tassyklanan hem-de rugsat berlen bähbitleriň çaknyşmalary we bähbitleriň ähtimal çaknyşmalary şu Kadalary bozýar diýlip hasaplanmaz.

**2.3** Şulary goşmak bilen, ýöne bular bilen çäklenmezden belli ýagdaýlarda bähbitleriňizi beýan etmegiňiz ündelýär:

Eger siz, maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzalary ýa-da olaryň bellänleri we ynanç hatyny berenleri we siziň ýa-da olaryň täsirindäki ýa-da gözegçiligindäki islendik hasap ýa-da ýuridik tarap islendik işewürligiň, firmanyň, korporasiýanyň ýa-da kompaniýanyň goldanmagyna we döredilmegine gatnaşýan bolsaňyz we/ýa-da şularyň paýnamalaryna ýa-da peýda getirýän bähbidiň başga görnüşlerine gönümel ýa-da gytaklaýyn eýeçilik edýän bolsaňyz:

a) Hususy eýeçilikdäki ýuridik taraplar; we/ýa-da.

b) Açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri.

## 3. Karar bermäge gatnaşýan tarap bolsaňyz, ýüze çykýan bähbitleriň çaknyşmagy

**3.1** Haçan-da siziň, maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzasynyň we/ýa-da siz bilen baglanyşykly şahslaryň "PETRONAS" kompaniýasynyň bellige alnan potratçylarynyň sanawlaryna girizilen ýa-da "PETRONAS" kompaniýasy bilen şertnamalaýyn ýa-da üpjünçilik geleşikleri bolan ýuridik taraplarda bähbidi bar bolsa (müdirlikler, hyzmatdaşlyklar, paýnama eýeçilikleri görnüşinde ýa-da wekilleriň üsti bilen) we siz "PETRONAS" kompaniýasyndaky borçlaryňyzyň dowamynda şeýle ýuridik taraplara degişlilikde "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan karar kabul edilmegine ýa-da geleşik baglaşylmagyna (gönümel ýa-da gytaklaýyn) gatnaşýan bolsaňyz, siz bähbitleriň çaknyşýan ýagdaýynda diýlip hasaplanarsyňyz.

**3.2** Şeýle hem, garyndaşlaryňyzyň islendik biriniň "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyna hyzmatlary üpjün edýän ýuridik taraplarda işe alynmagyna, gözegçiligine, dolandyrylmagyna ýa-da käriniň meýilleşdirilmegine gatnaşýan bolsaňyz ýa-da şeýle gatnaşmagyňyza garaşylýan bolsa, bähbitleriň çaknyşýan ýagdaýynda bolarsyňyz.

**3.3** Şeýle bähbitleriň çaknyşýan ýagdaýy size mälim bolanda "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan başgaça görkezme berilmedik bolsa, ýuridik tarapa ýa-da şahsa dahylly "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan islendik karar kabul edilmegine ýa-da ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmakdan saklanmaly we şeýle geleşikler baradaky kararlara täsir edip biljek islendik zatdan gaça durmaly hem-de şeýle bähbitleriň çaknyşmagyny bölüm başlygyna, kompaniýanyň degişli kätibine (müdirler babatynda) ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa habar bermeli. Şeýle habar berleninden soň işgärler bölümi bilen ýa-da ýagdaýa görä "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahs bilen maslahatlaşanyndan soň bölüm başlygy özüniň ýerlikli diýip hasaplan şeýle görkezmelerini berer, siz şolary berjaý etmeli bolarsyňyz.

**3.4** Başga bir guramanyň müdiriýetinde hyzmat bermegiňiz sizden soralmagy mümkin we bu käbir ýagdaýlarda, hatda hyzmat meýletin we tölegsiz hem bolsa, bähbitleriň çaknyşmagyny ýa-da hukuk meselesini ýüze çykaryp biler. “PETRONAS” kompaniýasynyň işgäri “PETRONAS” kompaniýasyndan daşarda müdiriýetde bir wezipäni kabul etmezden ozal ol hemişe özüniň bölüm başlygyna muny tassyklatmaly.

Salgylanylmaly resminama
- PETRONAS ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 4. Üçünji taraplara bikanun artykmaçlyk gazandyrýan maglumatlaryň aýan edilmegi

“PETRONAS” kompaniýasy bilen geleşiklerinde daşarky bir tarapa bikanun artykmaçlyk gazandyrýan islendik hereketiň ýerine ýetirilmegine ýa-da oňa göz ýumulmagyna “PETRONAS” kompaniýasyndan öňünden rugsat almazdan gatnaşmarsyňyz, şeýle hereketiň ýerine ýetirilmegi ýa-da oňa göz ýumulmagy “PETRONAS”kompaniýasynyň gatnaşýan iş amallarynda ýa-da geleşiklerinde size şahsy gazanç, bähbit ýa-da artykmaçlyk getirýän bolsun ýa-da bolmasyn. Şeýle öňünden alynýan rugsatlary bölüm başlygynyň üsti bilen (ýa-da müdirler babatda aýdylanynda, degişli doly müdiriýetiň üsti bilen) almaly. Degişli rugsady almazdan daşarky bir tarapa şol tarapyň “PETRONAS” kompaniýasy bilen işleşmegini kepillendirmäge kömek etmek üçin ýa-da başga islendik bir sebäp bilen “PETRONAS” kompaniýasynyň gizlin maglumatlaryny bermek şu çäklendirmäni bozmak diýlip hasaplanar.

## 5. PETRONAS kompaniýasynyň müşderileri, üpjünçileri, potratçylary we satyjylary bilen şahsy geleşikler

**5.1** “PETRONAS” kompaniýasynyň adyndan resmi geleşikleriňiz bolan ýa-da bolmagyna garaşylýan “PETRONAS” kompaniýasynyň müşderileriniň, üpjünçileriniň, potratçylarynyň ýa-da satyjylarynyň islendik birinden (ýa-da olaryň wekilleri ýa-da wekiliýetleri bilen) islendik gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägiň satyn alynmagy ýa-da satuwy üçin ýa-da islendik hyzmatyň satyn alynmagy üçin, şertleri halk köpçüligine erkin görnüşde elýeter bolan amallardan ýa-da geleşiklerden başga gönümel ýa-da gytaklaýyn amallary ýa-da geleşikleri baglaşmarsyňyz.

**5.2** Eger ýokarda agzalyşy ýaly amallardan ýa-da geleşiklerden saklanmaga jan edendigiňize garamazdan şu gadagançylygyň tersine hereket etmäge mejbur bolsaňyz, işgärler bölümi bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyňyzdan ýazmaça tassyknama almaly we şeýle rugsady alýançaňyz amallara ýa-da geleşiklere dowam etmeli däl.

**5.3** Ýokarda agzalan rugsadyň berilmegi şeýle amallaryň ýa-da geleşikleriň siziň “PETRONAS” kompaniýasynyň öňündäki wezipeleriňizi bolmalysy ýaly we talabalaýyk ýerine ýetirmegiňiz ýa-da borçlaryňyzy berjaý etmegiňiz bilen gapma-garşy däldigine “PETRONAS” kompaniýasy kanagatlandyrmagyňyza tabyn bolup durýar.

# Bölüm II B: Korrupsiýa we ahlaky däl hereketlere garşy göreşmek

## 6. Para bermäge mejbur etmek, parahorluk we korrupsiýa

**6.1** Siziň korrupsiýa hereketiňiz öz wezipe borçlaryňyzy bolmalysy ýaly we talabalaýyk ýerine ýetirmegiňizi hem-de ygtyýarlyklaryňyzdan peýdalanmagy peseldýän görnüşde täsir edýär, şeýlelikde "PETRONAS" kompaniýasynyň öz işewürligi we işleri barada karar kabul etmeginiň hem-de kararlarynyň dogruçyllygynyň peseldyär. Siziň korrupsiýa hereketiňiz "PETRONAS" kompaniýasynyň we onuň müdirleriniň, ýolbaşçysynyň ýa-da hyzmatdaşynyň günäkärlenmegine hem eltip biler.

**6.2** "PETRONAS" kompaniýasynyň işleri ýa-da işewürligi bilen baglylykda islendik hereketi etmek ýa-da islendik hereketden saklanmak ýa-da islendik hereketi edeniňiz ýa-da islendik hereketi etmekden saklananyňyz üçin ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň işleri ýa-da işewürligi bilen baglylykda islendik tarapa hoşamaýlyk görkezmek ýa-da ýüz bermezlik üçin maddy höwes ýa-da baýrak hökmünde islendik parany ýa-da peşgeşi özüňiz üçin ýa-da islendik başga bir tarap üçin gönümel ýa-da gytaklaýyn mejbur edip almagyňyz, kabul etmegiňiz ýa-da almagyňyz ýa-da kabul etmäge razylyk bermegiňiz ýa-da almaga synanyşmagyňyz gadagan edilýär.

**6.3** "PETRONAS" kompaniýasynyň işleri ýa-da işewürligi bilen baglylykda islendik hereketi etmek ýa-da islendik hereketden saklanmak ýa-da islendik hereketi edeniňiz ýa-da islendik hereketi etmekden saklananyňyz üçin ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň işleri ýa-da işewürligi bilen baglylykda hoşamaýlyk görkezmek ýa-da ýüz bermezlik üçin maddy höwes ýa-da baýrak hökmünde islendik parany ýa-da peşgeşi, resmiligi ýeňilleşdirmek üçin töleg, işi çözmekde kömek üçin gizlin töleg, haýyr-sahawat görnüşinde ýa-da islendik başga görnüşde gönümel ýa-da gytaklaýyn hödürlemegiňiz, söz bermegiňiz ýa-da bermegiňiz gadagan edilýär.

**6.4** "PETRONAS" kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň işleri ýa-da işewürligi bilen baglylykda geleşik baglaşýan islendik potratçynyň, kömekçi potratçynyň, satyjynyň, wekiliň, geňeşçiniň, wekiliýetiň, hyzmaty üpjün edijiniň ýa-da başga şahsyň ahlak we dogruçyllyk ýagdaýyndan özüňiz kanagatlanmaly hem-de degişli tarapyň

"PETRONAS" kompaniýasynyň bikanun görnüşde para bermäge mejbur etmegi, parahorlugy we korrupsiýany gadagan edýän syýasatlaryna düşünýändigini hem-de olary kabul edýändigini tassyklamaly. Potratçylar, kömekçi potratçy, wekil, geňeşçi, wekiliýet, hyzmaty üpjün ediji we beýlekiler "PETRONAS" kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan işi ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirenlerinde şeýle syýasatlary hökman berjaý etmeli.

**6.5** Şu 6-njy bölümde gadagan edilen görnüşde özüňi alyp barmagyň hatda daşardan bar ýaly görnümeginden ýa-da ahlaga dogry gelmeýän ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň akýürekliligi we dogruçyllygy baradaky abraýyny garalap biljek islendik başga çäreden saklanmaly. Eger bir herekete rugsat berlip-berilmeýändigini anyk bilmeýän bolsaňyz, hereketi ýerine ýetirmezden öň bölüm başlygyndan, Kanuny berjaý etmek boýunça bölümden ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsdan maslahat soraň.

Eger sizden para soralsa ýa-da size para hödürlense, siz teklipden hökman ýüz öwürmeli we ony dessine "PETRONAS" kompaniýasynyň Düzgün bozulmalary boýunça habar bermek üçin kanalyna, bölüm başlygyna, Kanuny berjaý etmek boýunça bölümine ýa-da ýagdaýa görä "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa habar bermeli.

**6.6** Bu bölümde "para" ýa-da "peşgeş" bikanun ýa-da bidüzgün netijäni, baýragy, karary, bähbidi ýa-da islendik görnüşde artykmaçlygy edinmek üçin hödürlenýän, berilýän ýa-da alynýan pul görnüşinde ýa-da başga görnüşde islendik sowgady, tölegi, bähbidi ýa-da başga artykmaçlygy aňladýar. Para ýa-da peşgeş diňe bir nagt pul ýa-da başga maliýe emlägi görnüşinde bolmaýar - ol korporatiw hyzmatlaryň ýa-da emlägiň tölegsiz ulanylmagyny, "PETRONAS" kompaniýasy bilen işleşýän adamlaryň maşgalasyna ýa-da dostlaryny karz zamunlyklaryny bermegi ýa-da olary iş bilen üpjün etmegi hem goşmak bilen islendik görnüşde artykmaçlyk bolup bilýär.

Salgylanylmaly resminama
- "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- "PETRONAS" kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanma)
- "PETRONAS" kompaniýasynyň Düzgün bozulmalary boýunça habar bermek boýunça syýasaty

## 7. Resmiligi ýeňilleşdirmek üçin tölegleri kabul etmek

**7.1** Özüňiz üçin ýa-da şu Kadalara tabyn islendik başga bir şahs üçin resmiligi ýeňilleşdiriş tölegleri gönümel ýa-da gytaklaýyn kabul etmegiňiz ýa-da almagyňyz ýa-da kabul etmäge ýa-da almaga synanyşmagyňyz gadagan edilýär.

**7.2** Bu bölümde “resmiligi ýeňilleşdirmek üçin tölegler” umuman alnanda “PETRONAS” kompaniýasynda adaty ýa-da administratiw borjuny ýa-da wezipesini ýerine ýetirýän bir şahs tarapyndan ýerine ýetirilmegini gazanmak ýa-da çaltlaşdyrmak üçin edilýän tölegleri aňladýar.

Salgylanylmaly resminama

- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- “PETRONAS” kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanma)
- “PETRONAS” kompaniýasynyň Düzgün bozulmalary boýunça habar bermek boýunça syýasaty

## 8. Komissiýalaryň, arzanladyşlaryň we gizlin peýdalaryň gadagan edilmegi

“PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan ýa-da onuň adyndan satylýan ýa-da satyn alynýan islendik harytlar ýa-da hyzmatlar ýa-da başga iş geleşikleri (siziň tarapyňyzdan amala aşyrylýan bolsun-bolmasyn) bilen baglanyşykly “PETRONAS” kompaniýasynyň düzgünleri, syýasatlary ýa-da ýolbelet ýörelgeleri tarapyndan rugsat berilmedik hiç hili arzanladyşy, gaýtargyny, komissiýany, hyzmaty, göterimi, islendik gymmatly zady ýa-da başga islendik görnüşli bähbidi ýa-da tölegleri (nagt ýa-da nagt däl görnüşde) gönümel ýa-da gytaklaýyn kabul etmegiňiz ýa-da almagyňyz gadagan edilýär.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 9. Gizlin peýdalaryň ýa-da gazançlaryň hasabatyny ýöretmek

"PETRONAS" kompaniýasyndaky wezipesiniň arkasyndan ýa-da onuň adyndan berlen ygtyýar bilen hereket edýän, islendik arzanladyşy, gaýtargyny, komissiýany, hyzmaty, göterimi, islendik gymmatly zady ýa-da başga bähbidi ýa-da tölegleri (nagt ýa-da nagt däl görnüşde we para hökmünde ýa-da başga görnüşde) gönümel ýa-da gytaklaýyn alýan, şu Kadalara tabyn bolup durýan şahs şeýle alandygyny dessine aýan etmeli we ol nagt däl zatlaryň gymmadyny hem goşmak bilen olaryň hasabatyny bölüm başlygyna ("PETRONAS" kompaniýasynyň işgärlerine degişli) ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa (işgärlerden başgalara, mysal üçin, potratçylara degişli) tabşyrmaga borçly bolýar. Alnan zatlar doly möçberde "PETRONAS" kompaniýasyna tabşyrylmaly.

## 9A. Sowgatlar we göwün açma

**9.1** "PETRONAS" kompaniýasy "Sowgat ýok" syýasatyny kabul etdi, onda "PETRONAS" kompaniýasynyň Parahorluga we korrupsiýa garşy göreş syýasaty we ýolbelet ýörelgelerinde (ABC gollanmasy) berlen iňňän dar manydaky belli kadadan çykylýan ýagdaýlardan başga "PETRONAS" kompaniýasynyň işgärleriniň we müdirleriniň, olaryň maşgala / öý hojalygy agzalarynyň ýa-da "PETRONAS" kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan hereket edýän wekilleriň sowgatlary gönümel ýa-da gytaklaýyn almagy ýa-da bermegi gadagan edilýär.

**9.2** "PETRONAS" kompaniýasynyň bähbitleriň çaknyşmagynyň ýüze çykmagyny ýa-da bähbitleriň çaknyşýan ýaly görünmeginiň öňüni almak üçin öz işgärleriniň we müdirleriniň şu "Sowgat ýok" syýasatyny berjaý etmegini talap edýär. "PETRONAS" kompaniýasy bilen daşarky taraplaryň arasynda dowam edýän ýa-da ähtimal iş geleşikleriniň dowamynda berlen sowgatlar hem-de güýmenje bähbitleriň çaknyşmagyny emele getirýär diýlip ýa-da para bolmagy ähtimal diýlip hasaplanmagy mümkin. Bu "PETRONAS" kompaniýasynyň abraýyny garalap ýa-da parahorluga we korrupsiýa garşy kanunlary bozup biler.

**9.3** Işgärler we müdirler “PETRONAS” kompaniýasy bilen islendik iş geleşigine gatnaşýan daşarky taraplara “Sowgat ýok” syýasaty barada maglumat bermäge jogapkär bolup durýarlar.

Salgylanylmaly resminama

- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- “PETRONAS” kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanmasy)

## 10. Sowgatlary we göwün açmany almak

**10.1** Sowgatlary we göwün açmany almak boýunça “PETRONAS” kompaniýasynyň işgärler bölüminiň tertip-düzgünlerini berjaý etmäge borçly bolup durýarsyňyz.

**10.2** Siz ýa-da maşgalaňyzyň / öý hojalygyňyzyň agzalarynyň islendik biri “PETRONAS” kompaniýasyn-daky wezipäňizden peýdalanmagyň ýa-da peýdalanmazlygyň, maglumatyň ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyna zyýan ýetirýän islendik başga meseläniň garşylygy hökmünde sowgatlary ýa-da güýmenjäni kabul etmeli däl.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- “PETRONAS” kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanma)

## 11. Sowgatlary we göwün açmany üpjün etmek

**11.1** Sowgatlary we göwün açmany bermek boýunça "PETRONAS" kompaniýasynyň işgärler bölüminiň tertip-düzgünlerini berjaý etmäge borçly bolup durýarsyňyz.

**11.2** "PETRONAS" kompaniýasy bikanun ýa-da gereksiz ýere howply ýa-da gelşiksiz, jyns gatnaşyklaryna gönükdirilen ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň ikitaraplaýyn hormat barada borçnamasyna gabat gelmeýän ýa-da kimdir biriniň "PETRONAS" kompaniýasynyň peýdasyna hereket etmegine ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň garşysyna ýaramaz hereketden saklanmagyna bikanyn görnüşde täsir etmek maksady bilen sowgatlaryň we göwün açmanyň berilmegini gadagan edýär. Sowgat ýa-da nagt pul bermek bolmaýar. Öňünden rugsat almaklykdan gaça durmak ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň syýasatlarynyň daşyndan başga görnüşde aýlanyp geçmek üçin hut özüňiz sowgat ýa-da göwün açma üçin tölemeli däl.

Salgylanylmaly resminama
- "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- "PETRONAS" kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanmasy)

## 12. Döwlet işgärleri

**12.1** “PETRONAS” kompaniýasynyň işgärler bölüminiň sowgatlary we göwün açmany bermek barada syýasatlaryna hem-de tertip-düzgünlerine gabat gelýänden başga sowgatlary we göwün açmany döwlet işgärlerine hödürlemegiňiz gadagan edilýär.

**12.2** “PETRONAS” kompaniýasy bilen gönümel ýa-da gytaklaýyn baglanyşykly islendik geleşikler bilen baglylykda döwlet işgärlerine we/ýa-da olaryň maşgalasynyň / öý hojalygynyň agzalaryna, syýahat bilen baglanyşykly harajatlary hem goşmak bilen sowgatlary we güýmenjäni Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyňyzdan ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsdan birugsat hödürlemegiňiz gadagan edilýär.

**12.3** “PETRONAS” kompaniýasy bilen gönümel ýa-da gytaklaýyn baglanyşykly islendik geleşikler bilen baglylykda islendik döwlet işgäriniň we/ýa-da onuň maşgalasynyň / öý hojalygynyň agzalarynyň işden daşarky syýahaty üçin çykdajylary we myhmançylyk harajatlaryny Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyňyzdan ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsdan birugsat tölemegiňiz gadagan edilýär.

**12.4** “PETRONAS” kompaniýasynyň lobbi işini alyp barýan islendik ýurisdiksiýasynda lobbi bilen baglanyşykly ýerli kanunlary siz hökmany suratda berjaý etmeli. Lobbi işlerine gatnaşmazdan öň siz Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynda habarlaşmak üçin şahs bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyňyzdan gözükdirijileri almaly.

**12.5** Eger bir döwlet işgäriniň ýa-da onuň maşgalasynyň / öý hojalygynyň agzasynyň gönümel däl görnüşde peýdalanýandygyny ýa-da alyjy bolup durýandygyny bilýän ýa-da şeýledigini güman edýän bolsaňyz, Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahs bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyňyz tarapyndan tassyklanandan başga sowgatlary ýa-da islendik bähbitleri wekil, geňeşçi ýa-da potratçа hödürläp ýa-da üpjün edip bilmersiňiz.

**12.6** “PETRONAS” kompaniýasy nyň adyndan döwlet işgärleri bilen işleşýän islendik potratçylara, kömekçi potratçylara, geňeşçilere, satyjylara, wekillere, wekiliýetlere ýa-da beýleki hyzmat üpjün

edijilere baha berilmeli we olara döwlet işgärlerine sowgatlary hem-de göwün açmanybermegiň çäklendirilmegine degişli şu Kadalaryň düzgünleri barada maglumat bermeli.

**12.7** Şu 12-nji maddadaky gadagan etmelerden ýüz öwrüp bilmersiňiz. Siz her bir ýagdaýda II bölümiň beýleki maddalarynda kesgitlenilen para bermäge mejbur etmek, parahorluk we korrupsiýa baradaky düzgünleri, şeýle hem parahorluk we korrupsiýa barada hereket edýän kanunlary berjaý etmeli.

**12.8** Şu Kadalaryň maksatlary üçin "döwlet işgäri" adalgasy döwlet edarasynda işleýän ýa-da döwlet edarasynda wagtlaýyn ýerine ýetiriji, döwlet wezipesine dalaşgär islendik şahsy, islendik syýasy partiýanyň işgärlerini we "PETRONAS" kompaniýasyndan başga döwlet eýeçiligindäki islendik kärhananyň işgärlerini hem goşmak bilen döwlet ýa-da hökümet işgärini aňladýar, ýöne bular bilen çäklenmeýär.

Salgylanylmaly resminama

- "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- "PETRONAS" kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanmasy)

## 13. Jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we kontragentleriň barlanmagy

**13.1** Wezipe borçlaryňyzyň dowamynda "PETRONAS" kompaniýasy bilen geleşikleri ýa-da amallary baglaşan ýa-da geljekde baglaşjak üçünji taraplar bilen iş salyşsaňyz, şeýle üçünji taraplaryň işewürligine we gelip çykyşyna düşünmek hem-de puluň, emlägiň we hyzmatlaryň gelip çykyşyny kesgitlemek üçin kontragentleriň barlanmagyny geçirmegiňiz hökmany bolup durýar. Şübheli amallary ýa-da jenaýatçylykly ýol  bilen gazanylan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyndan ýa-da parahorlukdan güman edilýän ýagdaýlary bölüm başlygyňyza, Kanuny berjaý etmek boýunça bölüme ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa habar bermegiňiz hökmany bolup durýar. Jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy ýa-da parahorluk işini özbaşdak derňemegiňize ýol berilmeýär. Bu mesele boýunça kararlardan umuman bölüm başlygyňyz jogapkär bolar.

**13.2** Bu bölümde haçan-da puluň ýa-da emläkleriň bikanun gelip çykyşy ýa-da tebigaty ýaşyrylýan bolsa ýa-da kanunalaýyk ýaly görner ýaly edilen bolsa ýa-da kanuny serişdeler terrorçylygy maliýeleşdirmegi hem goşmak bilen jenaýatçylykly hereketleri goldamak üçin ulanylanynda "bikanun ýol bilen gazanylan girdejileriň aklanmagy" giň manyda bolup geçýär diýlip kesgitlenilýär. Şübheli işjeňligiň derňelmegine zyýan bermek ýa-da böwet bolmak we şeýle işjeňligi habar bermezlik hem jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň aklanmagy barada kanunçylygyň çäginde düzgün bozulmalaryň hataryna girýär.

**13.3** Jenaýatkärler bilen ýa-da bikanun ýol bilen gazanylan girdejiler bilen iş salyşmagyňyz gadagan edilýär.

**13.4** "PETRONAS" kompaniýalar toparyna gelýän ýa-da olardan gidýän islendik tölegiň ýa-da serişdeleriň geçiriminiň islendik möçberi, häsiýeti, maksady we üpjün edijisi ýa-da alyjysy onuň hasabat kitaplarynda we ýazgylarynda takyk görkezilmeli.

**13.5** Maliýe bölüminden talabalaýyk ygtyýar almazdan "PETRONAS" kompaniýalarynyň adyndan ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň bähbidi üçin bank hasabyny, gymmatly kagyzlaryň söwdasy üçin hasaby ýa-da şoňa meňzeş hasaplary açmagyňyz gadagan edilýär.

**13.6** Eger gözegçilik edarasynyň jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň aklanmagyna garşy ýolbelet ýörelgeleri ornaşdyrmak barada talaby bar bolsa, şeýle talaby berjaý etmeli.

Salgylanylmaly resminama

- "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- "PETRONAS" kompaniýasynyň Parahorluga hem-de korrupsiýa garşy syýasat we ýolbelet ýörelgeleri (ABC gollanmasy)

# Bölüm II C: Milli we halkara söwda

## 14. Monopiliýa garşy / bäsdeşlik kanuny

**14.1** Siz "PETRONAS" kompaniýasynyňyň iş alyp barýan we/ýa-da iş geleşikleri bar bolan hemme ýurtlarynyň bäsdeşlik barada kanunlaryny ýerine ýetirmeli we berjaý etmeli. Işewür hyzmatdaşlar (mysal üçin, müşderiler we üpjünçiler), potratçylar, kömekçi potratçylar, bäsdeşler, satyjylar, wekiller, wekiliýetler we hökümet edaralary bilen geleşikleriňiziň hemişe adyl we talabalaýyk iş tejribelerini görkezmegini hem-de erkin we adyl bäsdeşligi hem-de monopoliýalary dolandyrýan kanunlara we düzgünnamalara gabat gelmegini üpjün etmeli. Şu talabyň dowamy hökmünde, siziň ýurisdiksiýaňyzda belli wagtlarda hereket edýän "PETRONAS" kompaniýasynyň Bäsdeşlik boýunça ýolbelet ýörelgelerini berjaý etmäge borçly bolup durýarsyňyz, onuň nusgasyny Kanuny berjaý etmek boýunça bölümden alyp bilersiňiz.

**14.2** Eger işgärleriň islendik biri ýa-da "PETRONAS" kompaniýasynyň adyndan hereket edýän üçünji tarap bäsdeşlik barada kanunlary bozýan islendik herekete girse, gatnaşsa ýa-da ony teklip etse, ol şahs şu Kadalary bozýar diýlip hasaplanar we "PETRONAS" kompaniýasynyň syýasatyna görä ol düzgün-nyzam çäresine degişli bolar. Eger öz işjeňlikleriňiziň bäsdeşlik barada kanunlara gabat gelip-gelmeýändiginden şübhelenýän bolsaňyz, Kanuny berjaý etmek boýunça bölüme ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa ýüz tutmaly.

**14.3** Esasy ýörelgeler

**14.3.1** Umumy düzgün hökmünde, bir ýurduň bäsdeşlik barada kanunçylygy kompaniýalaryň şol ýurtda esaslandyrylandygyna ýa-da esaslandyrylmandygyna garamazdan şol ýurtda iş alyp barýan hemme kompaniýalara degişli bolýar.

**14.3.2** Bäsdeşlik barada kanunlar adatça:

a) Şeýle kanunlaryň islendik biriniň degişli bolup durýan ýeriniň çäginde esli derejede bäsdeşligiň öňüni alýan, ony çäklendirýän ýa-da bozýan maksatly ýa-da täsirli islendik ylalaşyklary gadagan edýär. Diňe bir resmi däl, eýsem resmi däl ylalaşyklar hem şeýle gadagançylygyň çägine girýär.

b) Kompaniýalaryň bazardaky güýjüni söwda täsir edýän hyýanatçylykly görnüşde ulanmak bilen başgalary basgylaýan orny eýelemegini gadagan edýär. Eger bir kompaniýa bir geografiki sebitde önümleriň / hyzmatlaryň berlen toplumynyň esasy üpjünçisi ýa-da alyjysy bolsa we özüniň müşderileriniň ýa-da üpjünçileriniň üstünde bazardaky güýjüni möhüm derejede ulanyp bilýän bolsa, ol basgylaýan orny eýeleýär diýlip hasaplanýar.

c) Kompaniýalaryň birleşmegi, bir kompaniýanyň başgasyny satyn almagy we belli beýleki amallar ýaly birleşmegi dolandyryş habarnamasynyň / ýüztutmasynyň bäsdeşlik kanuny babatda ygtyýarly edaralara öňünden tabşyrylmagyny we olaryň rugsadynyň alynmagyny talap edýär, şeýle amallar islendik degişli bazarda bäsdeşligi peseldýän bolsa, olar bökdelip bilner.

**14.3.3** Malaýziýada “PETRONAS” kompaniýasy döwlet eýeçiligindäki kompaniýa hökmünde özboluşly orny eýeleýär we käbir ýagdaýlarda onuň monopoliýasy ýa-da düzgünleşdiriji hukuklary bar. Malaýziýanyň we Malaýziýadan başga ýurtlaryň kanunçylygynyň (esasan hem öz çäkleriniň daşarda hem güýji bolanlaryň) bu ugurda özara täsiri barada, esasan-da 2010-njy ýylda çykarylan Bäsdeşlik barada kanuny göz öňünde

tutmak arkaly Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen maslahatlaşmaly.

**14.4** Bäsdeşlik barada kanunçylygyň bozulmagynyň netijeleri

Bäsdeşlik barada kanunlaryň bozulmagy aşakdaky netijeleriň islendik birine ýa-da hemmesine eltip biler:

a) Iňňän agyr maliýe jerimesi (mysal üçin, Malaýziýada we Ýewropa Bileleşiginde tutuş toparyň ýer ýüzündäki ýyllyk dolanyşygynyň 10%-ine çenli);

b) Käbir ýurisdiksiýalarda muňa gatnaşan işgärleriň azatlykdan mahrum edilmegi we müdirleriň wezipe eýelemek hukugyndan mahrum edilmegi;

c) Bäsdeşligi bozýan hereketden zyýan çeken müşderileriň, bäsdeşleriň we/ýa-da müşderileriň öňe sürýän zyýanyň öwezini dolmak barada hak islegleri;

d) Halkyň gözünde pese düşmek (abraýdan gaçmak), içerki gorlaryň zyýan edilmegi we goşmaça çykdajylar (mysal üçin, hukuk tölegleri);

e) Şertnamalar babatda täsirleri (mysal üçin, bäsdeşlik barada kanunlary bozýan şertnamalaryň ýa-da düzgünleriniň ýatyrylmagy); we

f) Bäsdeşlik barada kanuna dahylly jedelleriň çözülmegi.

“PETRONAS” kompaniýasynyň bäsdeşlik barada kanunlaryň düzgünlerini bozmagyna eltýän ýagdaýy anyklan badyňyza Kanuny berjaý etmek barada bölümden ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsdan maslahat soramaga borçly bolup durýandygyňyzy ýadyňyzda saklaň.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 15. Eksport we importa gözegçilik, halkara boýkotlar we ykdysasy sanksiýa maksatnamalary

**15.1** “PETRONAS” kompaniýasy islendik ýol bilen harytlary, tehnologiýany, programma üpjünçiligini ýa-da hyzmatlary ýurtlaryň serhetlerinden geçirmezden ozal eksporta gözegçilik kanunlarynyň we ykdysady sanksiýalar meýilnamalarynyň ähtimal ýagdaýyny göz öňünde tutup bilýän bolmaly. Bu babatda, eger importa ýa-da eksporta gatnaşýan bolsaňyz, “PETRONAS” kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan harytlary, tehnologiýany, programma üpjünçiliklerini ýa-da hyzmatlary ýurtlaryň serhetleriniň üsti bilen import ýa-da eksport etmezden öň Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen maslahatlaşmak arkaly degişli ygtyýarlyklaryň çäklerine laýyklykda ygtyýar beriji edaradan talabalaýyk ygtyýar almaly. Mundan başga-da, eger harytlaryň, tehnologiýanyň, programma üpjünçilikleriniň ýa-da hyzmatlaryň gelip çykýan ýurdy ABŞ (Amerikanyň Birleşen Ştatlary) bolsa, bir ýurduň içindäki islendik geçirim hem ABŞ-nyň eksporta gözegçilik barada kanunlaryny herekete getirip biler. Şeýle bolsa, harytlaryň, tehnologiýanyň, programma üpjünçilikleriniň ýa-da hyzmatlaryň gelip çykýan ýurdunyň ABŞ diýlip hasaplanmagynyň mümkindigini anyklamak üçin aýratyn ünsli bolmaly.

**15.2** Siz çäklendirilen harytlary gümrük beýannamasynda görkezmezden getirmeli däl we gadagan edilen harytlary import etmeli däl. Siz bir ýurda harytlary ýa-da hyzmatlary getireniňizde import boýunça talaplary berjaý etmeli, gümrük paçlarynyň, tölegleriniň we salgytlarynyň tölenmegini hem-de talabalaýyk resminamalaryň berilmegini üpjün etmeli.

**15.3** Degişli ygtyýarlyklaryň çäklerine laýyklykda Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen maslahatlaşmak arkaly ygtyýar beriji edaradan talabalaýyk ygtyýar almazdan müşderileri, üpjünçileri ýa-da ýurisdiksiýalary boýkot etmäge razylyk bermegiňiz gadagan edilýär. Halkara boýkota gatnaşmak barada gelip gowşan islendik haýyşy bölüm başlygyňyza, Kanuna berjaý etmek boýunça ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa habar bermeli, sebäbi käbir ýurtlar şeýle haýyşlaryň “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan habar berilmegini talap edip biler.

**15.4** “PETRONAS” kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan halkara işewürlige gatnaşýan bolsaňyz, size ýa-da “PETRONAS” kompaniýalar toparyndaky iş berijiňize degişli kanunlaryň çäginde sanksiýa goýlan ýurtlar, guramalar we şahslar barada maglumatyňyz bolmaly. Sanksiýalar meselesi çylşyrymly bolýar, şonuň üçin islendik soraglar ýa-da gümürtik ýagdaýlar barada Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm bilen maslahatlaşmak arkaly degişli ygtyýarlyklaryň çäklerine laýyklykda tassyklaýan edara ýüz tutmaly.

**15.5** Siz “PETRONAS” kompaniýasynyň eksport we import gözegçilikleri, boýkotlar we ykdysady sanksiýa meýilnamalary babatda wagtal-wagtal güýje girizýän syýasatlaryny we tertip-düzgünlerini hökman berjaý etmeli.

Salgylanylmaly resminama

- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

# Bölüm II D: “PETRONAS” kompaniýasynyň emläkleri

## 16. Emläkler, desgalar, gorlar we ýazgylar üçin jogapkärçilik

**16.1** “PETRONAS” kompaniýasyna degişli emläklere, desgalara, gorlara ýa-da ýazgylara girmek ýa-da eýeçilik etmek olaryň “PETRONAS” kompaniýasynyň işewürlik maksatlary üçin ulanyljakdygy baradaky ynamyň we ynanjyň esasynda berilýär. Bu emläkler maddy görnüşde bolup biler - mysal üçin, kompýuter enjam üpjünçiligini hem goşmak bilen enjamlar, ýa-da nagt pul - ýa-da olar intellektual eýeçilik we kompýuter programma üpjünçiligi ýaly maddy däl görnüşde bolup biler.

**16.2** Siz wezipe borçlaryňyzy ýerine ýetirmegiňiz üçin özüňize üpjün edilen, “PETRONAS” kompaniýasyna degişli hemme emläkleriň, desgalaryň, gorlaryň we ýazgylaryň howpsuz görnüşde saklanmagy üçin jogapkärçilik çekýärsiňiz. Siz hemme emläkleriň, desgalaryň, gorlaryň we ýazgylaryň ulanylmagy barada “PETRONAS” kompaniýasynyň syýasatlaryny we tertip-düzgünlerini, olaryň wagtal-wagtal üýtgetme we goşmaça girizilen görnüşlerini ýerine ýetirmeli hem-de berjaý etmeli.

**16.3** Siz “PETRONAS” kompaniýasynyň emläkleriniň, desgalarynyň, gorlarynyň we ýazgylarynyň ogurlanmagynyň, ýitmeginiň, olara zeper ýetmeginiň ýa-da olaryň nädogry ulanylmagynyň öňüni almak üçin hemme zerur çäreleri durmuşa geçirmeli, olar bolup geçen ýagdaýynda dessine “PETRONAS” kompaniýasyna habar bermeli. Ýagdaýyna ýa-da gymmatyna garamazdan, “PETRONAS” kompaniýasyna degişli emläkleri, desgalary, gorlary we ýazgylary nädogry görnüşde ulanmak, almak, satmak, kireýine bermek, berip goýbermek ýa-da başga görnüşde elden çykarmak bolmaýar ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň ýörite ygtyýary bolmazdan olary şahsy maksatlar üçin ulanmak bolmaýar.

**16.4** Hereket edýän kanunlara tabynlykda, emläkleriň, desgalaryň, gorlaryň we ýazgylaryň siziň bilkastlaýyn düzgünleri bozmagyňyzdan ýa-da sowuk-salalygyňyzdan ýa-da biperwaý hereketiňizden ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň rugsady bolmazdan edilen hereketden gelip çykýan islendik ýitgisi ýa-da olara ýeten zyýan üçin jogapkär bolmagyňyz mümkin we “PETRONAS” kompaniýasynyň sezewar bolan maliýe ýitgisi zähmet hakyňyzdan kesilmek arkaly ýa-da başga ýollar bilen sizden öndürilip alynmagy mümkin. Hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde, “PETRONAS” kompaniýasy özüniň karar bermegi bilen sizi döwlet edaralaryna habar bermegi hem goşmak bilen “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan ýerlikli diýlip hasaplanýan islendik beýleki çäreni size garşy durmuşa geçirip biler.

Salgylanylmaly resminama

- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

# Bölüm II E: Maliýe meselelerinde dogruçyllyk

## 17. Içerki gözegçilik we tertip-düzgünler

**17.1** “PETRONAS” kompaniýasynyň maliýe hasabatlarynyň we ýazgylarynyň bitewüligini hem-de takyklygyny kepillendirmek we goldamak üçin hemme kanunlary, wagtal-wagtal ornaşdyrylýan syýasatlary we tertip-düzgünleri hökman berjaý etmeli. Bu babatda siz (şulary hem goşmak bilen, ýöne olar bilen çäklenmezden) aşakdakylary etmeli däl:

a) Resminamalaryň saklanmagy barada ornaşdyrylan, adaty işdäki tertip-düzgünlere laýyk gelýänlerden ýa-da içerki tertip-düzgünlere laýyk gelýänlerden başga “PETRONAS” kompaniýasynyň ýazgylaryny ýa-da resminamalaryny gizlemek, üýtgetmek, ýok etmek ýa-da başga görnüşde üýtgetmek (we hiç bir ýagdaýda derňewe ýa-da audite böwet bolmak ýa-da päsgel bermek ýa-da maglumatlary ýaşyrmak ýa-da ýalňyş beýan etmek bolmaýar).

b) Bir ýazgyda, hasabatda, faýlda ýa-da hak isleginde (syýahat we güýmenje harajatlarynyň ýazgylaryny hem goşmak bilen) bilkastlaýyn ýalan ýa-da ýalňyşdyrýan maglumaty görkezmek.

c) “PETRONAS” kompaniýasynyň gözegçiliklerinden, syýasatlaryndan ýa-da tertip-düzgünlerinden sowlup geçmegiň ýa-da olary bökdemegiň täsirini ýa-da netijesini berip biljek hasaplary, kompaniýalary ýa-da gurluşlary döretmek.

d) “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan ygtyýar berlen içerki we daşarky auditler bilen doly we dogry hyzmatdaşlyk etmezlik.

e) islendik biriniň puluny, emlägini ýa-da hyzmatlaryny kezzapçylykly ýol bilen almak üçin aldawa gatnaşmak.

**17.2** Şeýle hem, “PETRONAS” kompaniýasynyň maliýe hasabatlaryny we ýazgylaryny taýýarlamak, saklamak we zyňmak barada wagtal-wagtal ornaşdyrylýan hemme syýasatlary we tertip-düzgünleri berjaý etmegiňiz hökmany bolup durýar.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

# Bölüm II F: Gizlinlik babatda borçnamalar / intellektual eýeçilik / halk köpçüligine niýetlenen habarlar

## 18. Gizlinlik babatda borçnamalar

**18.1** “PETRONAS” kompaniýasynyň iş bilen baglanyşykly, tehniki, maliýe, hukuk, işgärler we şertnamalar barada ýazgylaryny öz içine alýan işewürligi, maglumatlary we ýazgylary, berlen maglumatlary, şeýle hem e-salgylary, hatlary, kartalary, hasabatlary, çyzgylary, hasaplary, tehniki häsiýetnamalary, formulalary, görnüşleri, ygtyýarnamalary, ylalaşyklary öz içine alýan resminamalary we/ ýa-da başga resminamalary ýa-da kompýuter / sanly programma üpjünçiligini / tehnologiýasyny ýa-da islendik häsiýetdäki faýllaryny öz içine alýan resminamalary we formulalary, prosesler we önümçilik usullary barada maglumatlaryň hemmesi “PETRONAS” kompaniýasyna degişli gizlin maglumatlar bolup durýar. Şeýle ýaşyryn maglumatlar iňňän gizlin bolup, olary ygtyýar berlen şahslardan başga “PETRONAS” kompaniýasynyň içindäki ýa-da daşyndaky şahslara ulandyrmak, olar bilen ara alyp maslahatlaşmak, olara paş etmek ýa-da aýan etmek bolmaýar. Siz şeýle ýaşyryn maglumatlaryň gizlinligi bilen baglanyşykly hemme zerur seresaplylyk çärelerini durmuşa geçirmeli.

**18.2** “PETRONAS” kompaniýasy bilen islendik ozalky hyzmat şertnamaňyzyň çäginde işleýän ýa-da işleşýän döwrüňizde size mälim bolan bolmagy mümkin islendik şeýle ýaşyryn maglumaty işleýän ýa-da işleşýän döwrüňizde ýa-da ol tamamlanandan soň degişli ygtyýary almazdan aýan etmegiňiz, paş etmegiňiz ýa-da ulanmagyňyz gadagan edilýär, şeýle hem işleýän ýa-da işleşýän döwrüňizde hem, ol tamamlanandan soň hem hemme şeýle ýaşyryn maglumaty gizlin saklamak üçin hemme ýerlikli seresaplylyk çärelerini durmuşa geçirmegiňiz hökmany bolup durýar.

**18.3** Öz borçlaryňyzy ýerine ýetirmek maksady bilen zerur bolmagy mümkin ýagdaýlardan başga, “PETRONAS” kompaniýasynyň razylygy bolmazdan şeýle gizlin maglumatlaryň ýa-da olaryň bildirişleriniň asyl nusgalaryny saklamagyňyz ýa-da göçürmelerini ýasamagyňyz, şeýle-de “PETRONAS” kompaniýasynyň gyzyklanýan ýa-da gyzyklanan bolmagy mümkin we işleýändigiňiz ýa-da işleşýändigiňiz sebäpli siziň eliňize geçen bolmagy mümkin nusgalaryň nusgalyklaryny saklamagyňyz gadagan edilýär. Eger

işlemegiňiz ýa-da işleşmegiňiz tamamlananda islendik ýaşyryn maglumat ýa-da ýokarda agzalan şeýle nusgalar ýa-da nusgalyklar eliňizde bar bolsa, “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan olaryň sizde galmagyna razylyk berlen ýagdaýlardan başga, olary işlemegiňiziň / işleşmegiňiziň tamamlanan senesinde ýa-da şondan öň soralmazdan “PETRONAS” kompaniýasyna tabşyrmaly.

**18.4** “PETRONAS” kompaniýasy bilen gatnaşygyňyzyň dowamynda “PETRONAS” kompaniýasynyň satyjylary, üpjünçileri, potratçylary, ýolbaşçylary we beýleki işewür hyzmatdaşlary bilen tanyşlyk açan we gatnaşyk guran bolmagyňyz mümkin. “PETRONAS” kompaniýasy bilen gatnaşygyňyzyň dowamynda ýa-da “PETRONAS” kompaniýasy bilen gatnaşygyňyz öz islegiňiz boýunça ýa-da başga görnüşde tamamlanandan soň iki ýyllyk döwür (ýa-da işleşmegiňiziň şertlerinde ýa-da size degişlilikde hereket edýän şu Kadalaryň “ÖABweIAK” Goşundy: Türkmenistan goşundysynda kesgitlenen bolmagy mümkin haýsydyr başga bir döwür) boýunça islendik wagtda “PETRONAS” kompaniýasyndan öňünden razylyk almazdan “PETRONAS” kompaniýasy bilen gatnaşyklaryňyzdan gelip çykýan işewürlik mümkinçilikleriňizden peýdalanmagyňyza ýa-da şeýle işewürlik mümkinçiligini “PETRONAS” kompaniýasynyň peýdalanmagyndan başga tarapa sowmaga sebäp bolmagyňyza ýa-da sebäp bolmaga synanyşmagyňyza ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň şertnamalarynyň, wekillikleriniň ýa-da başga işewürlik gatnaşyklarynyň ýatyrylmagyna sebäp bolmagyňyza ýa-da sebäp bolmaga synanyşmagyňyza rugsat berilmeýär.

**18.5** Öz islegiňiz boýunça ýa-da başga görnüşde “PETRONAS” kompaniýasy bilen gatnaşygyňyz tamamlanandan soň şeýle gizlin maglumatlaryň ýaşyrynlygyny goramak babatda gatnaşyklaryňyz tamamlanandan soňam dowam edýän boçnamalaryňyzy bozýan görnüşde “PETRONAS” kompaniýasynyň gizlin maglumatlaryny ulanmagyňyza hiç wagt rugsat berilmeýär.

**18.6** “PETRONAS” kompaniýasy dürli tehniki ugurlarda bilimi we tejribesi bolan şahslary hakyna tutup biler, ýöne siz başgalaryň täjirçilik syrlaryna we beýleki aýratyn möhüm maglumatlaryna aralaşmagyň serişdesi hökmünde PETRONAS-yň adyndan ýa-da onuň bähbidi üçin adamlary işe almaly däl.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 19. Şahsy maglumatlaryň goralmagy

**19.1** Siz “PETRONAS” kompaniýasynyň Korporatiw gizlinlik syýasatyny berjaý etmeli, ony “PETRONAS” kompaniýasynyň beýleki degişli içerki şahsy maglumatlaryň goragy we gizlinligi baradaky syýasatlary, tertip-düzgünleri hem-de ýolbelet ýörelgeleri bilen bilelikde okamaly.

**19.2** Şeýle hem siz, “PETRONAS” kompaniýasynyň iş alyp barýan her bir ýurdundaky şahsy maglumatlaryň goragy barada kanunlary (degişli bolan ýerlerde) berjaý etmeli.

**19.3** Şahsy maglumatlary siziň tarapyňyzdan ýygnalýan islendik tarapyň, mysal üçin, müşderileriň, işgärleriň, paýdarlaryň, işewür hyzmatdaşlaryň, satyjylaryň, üpjünçileriň, hyzmat üpjün edijileriň, hökümet edaralarynyň şahsy maglumatlaryny ele alşyňyzyň hemişe “PETRONAS” kompaniýasynyň Korporatiw gizlinlik syýasatyna we şahsy maglumatlaryň goralmagyny we gizlinligini dolandyrýan kanunlara hem-de düzgünnamalara laýyk bolmagyny üpjün etmeli.

**19.4** “PETRONAS” kompaniýasynyň Korporatiw gizlinlik syýasatynyň ýa-da şahsy maglumatlaryň goralmagyna degişli kanunlaryň ýa-da düzgünnamalaryň islendik görnüşde bozulmagy nädogry hereket diýlip we şu Kadalaryň bozulmagy diýlip hasaplanyp bilner, onuň üçin size garşy düzgün-nyzam temmisi berilmegi mümkin.

**19.5** Maglumatlary işlemek boýunça hereketleriňiziň şahsy maglumatlaryň goralmagyna degişli kanunlary we/ýa-da degişli içerki syýasatlary, tertip-düzgünleri, ýolbelet ýörelgeleri ýa-da gollanmalary berjaý edip-etmeýändiginden güman edýän bolsaňyz, Kanuny berjaý etmek boýunça bölüme ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa ýüz tutuň.

## 20. Insaýder geleşigi

**20.1** Siz “PETRONAS” kompaniýasynyň we onuň kontragentleriniň gizlin işewürlik maglumatlaryny goramaly we olary hiç wagt öz bähbidiňiz ýa-da başga şahslaryň bähbidi üçin ulanmaly däl, esasan hem paýnamalaryň ýa-da başga gymmatly kagyzlaryň söwdasyny etmeli däl ýa-da üçünji bir tarapyň şeýle etmegini maslahat bermeli ýa-da oňa sebäp bolmaly däl.

**20.2** Siz insaýder geleşigi barada hereket edýän hemme kanunlary berjaý etmäge borçly bolup durýarsyňyz, umuman alnanda halk köpçüligine açyk däl möhüm maglumaty bilmek bilen paýnamalaryň ýa-da başga gymmatly kagyzlaryň söwdasyny edeniňizde ýa-da şol paýnamalaryň ýa-da gymmatly kagyzlaryň söwdasyny edýän kimdir biri bilen şeýle maglumatlary paýlaşanyňyzda insaýder geleşigi bolýar. Esasan hem, halk köpçüligine açyk däl möhüm maglumatlary bilýän wagtyňyz “PETRONAS” kompaniýalar toparynyň gymmatly kagyzlarynyň söwdasyna (ýa-da şol gymmatly kagyzlara dahylly başga spekulýatiw geleşiklere) gatnaşmagyňyz gadagan edilýär. Biz ähli müdirleriň, işgärleriň, olaryň degişli maşgalalarynyň / öý hojalyklarynyň agzalarynyň we “PETRONAS” kompaniýasy bilen gatnaşyklary özlerine şeýle maglumatlara aralaşmaga mümkinçilik berýän başgalaryň şu ýörelgeleri, olar bilen bir hatarda gizlin maglumatlaryň ele alnyşyna degişli beýleki kanunlary, düzgünnamalary we tertip-düzgünleri berjaý etmegine garaşýarys. “Halk köpçüligine açyk däl möhüm maglumat” umuman makul maýadaryň gymmatly kagyzlary satyn almaga ýa-da satmaga karar bereninde möhüm diýip hasaplajak, halk köpçüligine aýan edilmedik maglumatlary aňladýar. Şu ýerde beýan edilen çäklendirmeler içerki söwda barada kanunlarda maglumatlaryň şeýle görnüşlerine salgylanylýan ýagdaýlarynda ýurisdiksiýalardaky “bahalara täsir edýän maglumatlara” ýa-da maglumatlaryň başga şoňa meňzeş görnüşlerine hem degişli bolup durýar.

**20.3** Şeýle hem, gymmatly kagyzlar bazarynda hyýanatçylykly peýdalanmak barada hereket edýän hemme kanunlary berjaý etmegiňiz talap edilýär, şeýle peýdalanmak galp maglumatlary ýaýratmagy ýa-da köpçülige açyk görnüşde söwdasy edilýän gymmatly kagyzlar bazarynyň manipulýasiýasyna gönükdirilen hereketlere gatnaşmagy öz içine alýar.

## 21. Oýlap tapyşlar we kompýuter programmalary

**21.1** “PETRONAS” kompaniýasy size oýlap tapyjy we täzelikçi bolmagy ündeýär. Şeýle oýlap tapyjylyk we täzelikçilik siziň “PETRONAS” kompaniýasynyň öňündäki adaty borçlaryňyzyň bir bölegi bolup durýar.

**21.2** Hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna tabynlykda, “PETRONAS” kompaniýasy üçin işleýän wagtyňyz ýa-da wezipe borçlaryňyzy ýerine ýetirmegiňiziň ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň gorlaryndan, maglumatlaryndan we/ýa-da wagtyndan peýdalanmagyňyzyň dowamynda siziň tarapyňyzdan döredilen ýa-da siziň goşandyňyz bolan intellektual emlägiň eýeçiligi “PETRONAS” kompaniýasyna degişli bolar. Şeýle-de bolsa, hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna tabynlykda, “PETRONAS” kompaniýasy özüniň karar bermegi bilen, ýerlikli diýip hasaplan ýagdaýynda ony size baýrak hökmünde berip biler.

**21.3** Ýokardaky 21.2 maddanyň dowamy hökmünde, şeýle intellektual eýeçilik babatda öz adyňyza hiç hili söwda belgilerini, patentleri ýa-da bellige alnan dizaýnlary almak üçin ýüz tutup ýa-da awtorlyk hukugy üçin dawa edip bilmersiňiz.

**21.4** “PETRONAS” kompaniýasynyň ýazmaça rugsady bolmazdan şeýle intellektual eýeçiligi ýa-da oňa dahylly islendik maglumaty “PETRONAS” kompaniýasyndan we onuň talabalaýyk ygtyýar berlen geňeşçilerinden / wekillerinden başga hiç bir şahsa ýa-da üçünji tarapa aýan edip bilmersiňiz.

**21.5** Şu maddanyň çägindäki özüniň hukuklaryna zeper ýetirmezden, “PETRONAS” kompaniýasy aýratyn ýagdaýlarda haçan-da olaryň esasy mowzugy “PETRONAS” kompaniýasynyň pikiriçe jemgyýetiň bähbidine boljak bolsa we onuň aýan edilmegi “PETRONAS” kompaniýasynyň zyýanyna bolmajak bolsa, asyl makalalary neşir etmäge rugsat almak babatda siziň talaplaryňyzy göz öňünde tutmaga taýýar bolup durýar.

**21.6** Şu bölümde “intellektual eýeçilik” adalgasy islendik materiala

(oýlap tapyşlary, kompýuter programmalaryny ýa-da tehnologiki ylmy-barlaglaryň netijelerini hem goşmak bilen) we islendik wagt, dünýäniň islendik böleginde kanunyň çäginde bar bolan islendik başga intellektual eýeçilige ýa-da senagat eýeçilik hukugyna degişli bellige alnan ýa-da alynmadyk (şeýle hukuklaryň bellige alynmagy üçin islendik ýüztutmany öz içine alýar) islendik patenti,

tejribäni, awtorlyk hukugyny, senagat dizaýnyny, söwda belgisini ýa-da hyzmat belgisini, gizlin maglumaty aňladýar.

**21.7** Mundan başga-da, “kompýuter programmasy” adalgasy “PETRONAS” kompaniýasynyň islendik işine we proseslerine dahylly islendik kompýuter programmalaryny, programma üpjünçiliklerini, sanly çözgütleri, programmirleme kodlaryny ýa-da başga kompýuter gözükdirijilerini ýa-da sanly tehnologiýany öz içine alýar.

**21.8** “PETRONAS” kompaniýasynda işleýän ýa-da onuň bilen işleşýän döwrüňizde islendik oýlap tapyşy işläp düzen ýagdaýyňyzda oýlap tapyşyň jikme-jikliklerini ýaşyryn saklamaly we oýlap tapyşa degişli maglumatlary “PETRONAS” kompaniýasynyň daşyndaky üçünji taraplara aýan etmeli däl. Bölüm başlygyňyza ýa-da başga bellenen işgärlere mümkin boldugyça amatly görnüşde oýlap tapyş barada habar bermeli.

**21.9** Ýokardaky 21.8 maddanyň dowamy hökmünde, “PETRONAS” kompaniýasynyň soramagy bilen şeýle intellektual eýeçilikde bähbidi “PETRONAS” kompaniýasyna bellemek üçin zerur ýa-da kanun tarapyndan talap edilýän ýagdaýlarda islendik görnüşleri ýa-da ylalaşygy baglaşarsyňyz.

## 22. Üçünji tarapyň intellektual eýeçiligi

**22.1** Patentleri, awtorlyk hukuklaryny, täjirçilik syrlaryny we beýleki ýaşyryn maglumatlary hem goşmak bilen başga taraplaryň hakyky intellektual eýeçilik hukuklaryna dahylly hemme kanunlary, düzgünnamalary we şertnamalaýyn borçnamalary berjaý etmegiňiz hökmany bolup durýar. Siz başga taraplaryň goralýan intellektual eýeçilik hukuklaryny bozmaly däl. Işiňiziň, işgär bolmagyňyzyň ýa-da işleşmegiňiziň dowamynda siziň tarapyňyzdan ulanylýan ýa-da köpeldilýän maglumatlaryň, berlen maglumatlaryň, materiallaryň ýa-da tehnologiýanyň (sanly programma üpjünçiliklerini / çözgütleri hem goşmak bilen) hiç bir üçünji tarapyň hiç hili intellektual eýeçilik hukugyny bozmaýandygyny kepillendirmek üçin makul çäreleri durmuşa geçirmegiňiz hökmany bolup durýar.

## 23. Materiallaryň neşir edilmegi

**23.1** “PETRONAS” kompaniýasyn-yň ýazmaça rugsady bolmasa, 18.1 maddada beýan edilişi ýaly “PETRONAS” kompaniýasynyň ýaşyryn maglumatlaryna esaslanýan islendik kitaplary ýa-da başga eserleri neşir etmersiňiz ýa-da ýazmarsyňyz.

**23.2** Rugsat berlen ýagdaýynda ol aşakdaky şertlere tabyn bolar:

a) Göz öňünde tutulýan neşir “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan resmi görnüşde goldanýandygyny ýa-da arkasynda durulýandygyny ýa-da hemaýat edilýändigini beýan edýän ýa-da ýaňzydýan görnüşde neşir edilmez; we

b) Göz öňünde tutulýan neşirde hiç hili ýagdaýda “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan tassyklanan neşir” sözleri ýa-da islendik görnüşde many çykarylanynda şol täsiri berjek, neşiriň “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan ylalaşylandygyny ýa-da tassyklanandygyny öňe sürýändigi manysyny çykaryp boljak sözler bolmaly däl.

**23.3** “PETRONAS” kompaniýasy hünärmen meýilnamasyndaky işgärleriň belli kategoriýalary (mysal üçin, belli inženerler we tehnologlar) 23.2 maddada beýan edilen şertlere tabyn bolmaýar, ýöne “PETRONAS” kompaniýasynyň maglumatlaryna we berlenlerine esaslanýan kitaplaryň, makalalaryň, žurnallaryň, prezentasiýa materialynyň ýa-da başga eserleriň çap edilmegi “PETRONAS” kompaniýasynyň olary öňünden gözden geçirmegine we talabalaýyk görnüşde ygtyýar bermegine tabyn bolar.
Bu barada soraglary bölüm başlygyňyza ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa gönükdirip bilersiňiz.

## 24. Köpçülige niýetlenen beýannamalaryñ düzülmegi

**24.1** Isle öz şahsyňyz adyndan, isle wezipäňiziň çäginde bolsun, “PETRONAS” kompaniýasynyň syýasatlary ýa-da kararlary barada sözden ýa-da ýazmaça ýa-da islendik görnüşde (sosial metbugat websaýtlaryny hem goşmak bilen) hiç hili köpçülige açyk beýannama bermegiňize ýa-da ýaýratmagyňyza ýa-da “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan durmuşa geçirilen islendik çäräni ýa-da özüňiz tarapyndan alnan ýa-da ýerine ýetirilen işiňiz bilen baglanyşykly islendik meseläni köpçülige açyk görnüşde ara alyp maslahatlaşmagyňyza, “PETRONAS” kompaniýasynyň adyndan şeýle beýannamalary bermek üçin kanunalaýykda bellenen ýa-da ygtyýarlandyrylan bolmasaňyz, rugsat berilmeýär.

**24.2** Dilden ýa-da ýazmaça ýa-da islendik başga görnüşde (ýokarda agzalyşy ýaly bellenen ýa-da ygtyýarlandyrylan bolmasaňyz), özüňiziň işleýän ýa-da işlän bölümiňiziň ýa-da guramaňyzyň işine ýa-da “PETRONAS” kompaniýasy bilen geleşikleri bolan islendik gurama dahylly islendik mesele barada halk köpçüligine açyk beýannama ýa-da teswir bermegiňiz gadagan edilýär:

a) Şeýle beýannama ýa-da teswir “PETRONAS” kompaniýasynyň syýasatyny aňladýar diýlip hasap edilmegi mümkin bolsa;

b) Şeýle beýannama ýa-da teswir “PETRONAS” kompaniýasyny utandyryp biljek ýa-da utandyrmagy ahmal bolsa; we/ýa-da

c) Şeýle beýannama ýa-da teswir “PETRONAS” kompaniýasynyň bähbidine we abraýyna zyýan ýetirip biljek bolsa.

**24.3** Bu bölümde “köpçülige açyk beýannama” ýa-da “köpçülige açyk görnüşde ara alyp maslahatlaşmak” metbugata, žurnallara, döwürleýin neşirlere ýa-da halkyň arasynda ýa-da islendik dersiň ýa-da gepleşigiň dowamynda ýa-da sesli, görülýän ýa-da başga elektron serişdeler arkaly ýaýlymda islendik beýannama ýa-da teswir bermegi öz içine alýar. Ol hatlary, elektron resminamalary, dessine gowşurylýan hatlary, websaýtlary, sosial metbugat gurallaryny, bloglary, kagyz resminamalary, fakslary, sesi we sesli poçta ýazgylaryny hem goşmak bilen aragatnaşygyň islendik görnüşine hem degişli bolup durýar.

## 25. Kepil bolmak

**25.1** Işiň adaty akymynda talap edilýän meselelerden başga, birine kepil bolan ýagdaýyňyzda diňe “PETRONAS”-daky wezipäňize dahylsyz görnüşde, “PETRONAS” kompaniýasynyň adyny ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň logotipi ýa-da islendik korporatiw tanadyjysy bolan kagyzlary ulanmazdan kepil bolmagyňyza rugsat edilýär.

Ýokarda agzalyşy ýaly kepil bolmagy “PETRONAS” kompaniýasyna dahylsyz görnüşde üpjün edeniňizde sizden kepillik alýan tarapa öz kepil bolmagyňyzyň “PETRONAS” kompaniýasyndaky wezipäňize düýbünden dahylsyzdygy barada maglumat bermäge borçly bolup durýarsyňyz.

## 26. Sosial metbugat / maglumat tehnologiýasy we ulgamlary

**26.1** “PETRONAS” kompaniýasynyň desgalaryny, enjamlaryny ýa-da ulgamlaryny ulanmak arkaly pornografiýany ýa-da başga gelşiksiz ýa-da kemsidiji materiallary ýüklemegiňize, göçürip almagyňyza, ibermegiňize ýa-da başga görnüşde olara girmegiňize ýa-da olary saklamagyňyza rugsat edilmeýär. Gelşiksiz, töhmet atýan, garalaýan, kemsidiji ýa-da jynsparaz bellikleri ibermek ýa-da ugrukdyrmak düýbünden gadagan edilýär. Eger şeýle häsiýetdäki materiallary alsaňyz, “PETRONAS” kompaniýasynyň ýolbaşçylaryna gyssagly tertipde habar bermeli.

**26.2** Ýerliksiz degişmeleri hem goşmak bilen, kärdeşleriňiziň gaharlanmagyna, özlerini oňaýsyz duýmagyna ýa-da kemsinmegine sebäp bolmagy mümkin materiallary ýüklemegiňiz, göçürip almagyňyz, ibermegiňiz ýa-da olara başga görnüşde girmegiňiz gadagan edilýär.

**26.3** “PETRONAS” kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalaryny we aragatnaşyk ulgamlaryny diňe “PETRONAS” kompaniýasynyň işi we işewürlik maksatlary bilen ulanmaly.

**26.4** “PETRONAS” resmi e-poçtaňyzy ulanmak arkaly ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň ýokarky ýa-da aşaky kolontitullaryny görkezýän ýa-da şeýle aragatnaşyklaryň “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan ygtyýarlandyrylandygyny ýaňzydýan şahsy e-poçtalary ibermegiňiz gadagan edilýär.

**26.5** “PETRONAS” kompaniýasynyň ýaşyryn maglumatlaryny ibermek ýa-da almak üçin şahsy e-poçta salgylaryňyzy hem-de hyzmatlaryňyzy ulanmak gadagan edilýär. Şonuň ýaly-da, elektron hatyň daşarky poçta salgylaryna awtomatik usulda gönükdirilmegine ýol bermegiňiz gadagan edilýär.

**26.6** “PETRONAS” kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalarynyň howpsuzlyk çärelerini öçürmegiňiz ýa-da olardan sowlup geçmegiňiz gadagan edilýär.

**26.7** “PETRONAS” kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalaryny we aragatnaşyk ulgamlaryny ulananyňyzda, “PETRONAS” kompaniýasynyň işini alyp baranyňyzda ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň bähbidi üçin hereket edeniňizde şahsyýetiňizi

bilkastlaýyn gizlemegiňiz ýa-da özüňizi ýalňyş tanatmagyňyz gadagan edilýär. E-poçta hasabynyň eýesinden talabalaýyk ygtyýar almadyk bolsaňyz, başga bir şahsyň e-poçta hasabyny ulanmak bilen e-poçta hatlaryny ibermek gadagan edilýär.

**26.8** E-poçta hatlaryny galpaşdyrmagyňyz ýa-da galplaşdyrmaga synanyşmagyňyz gadagan edilýär.

**26.9** Islenmeýän e-poçta hatlaryny ibermegiňiz ýa-da ugrukdyrmagyňyz gadagan edilýär.

**26.10** Siz gizlin maglumatlary elektron habarlaşmagyň (mysal üçin, SMS) ýa-da başga ygtybarsyz habarlaşmak kanallarynyň üsti bilen ibermekden saklanmaly, eger beýtmekden saklanmak mümkin däl bolsa, maglumatlary goramaly (mysal üçin, şifrlemek, parol bilen).

**26.11** Bölüm başlygyňyzdan ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsdan öňünden rugsat almazdan "PETRONAS" kompaniýasynyň maglumat tehnologiýasy ulgamlaryna ýa-da enjamlaryna enjam üpjünçiligi bilen ýa-da onuň bilen baglylykda üçünji tarap programma üpjünçiliklerini gurnamak gadagan edilýär.

**26.12** "PETRONAS" kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalaryny we aragatnaşyk ulgamlaryny şular üçin ulanmagyňyz gadagan edilýär:

a) Kezzaplyk etmek;

b) Öz biznesiňizi ýöretmek;

c) Degişli kontenti üpjün edijiniň intellektual eýeçilik hukuklaryny bozýan görnüşde maglumatlary görmek, göçürip almak, göçürmek, bikanun görnüşde paýlaşmak, işlemek ýa-da internetde goýmak;

d) Serişdeleri ýygnamak boýunça haýyr-sahawat çäreleri, syýasy propaganda, dini tagallalar ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyna dahylsyz hususy täjirçilik maksatlary üçin köpçülikleýin hatlary ibermek, pul ýa-da sowgatlary bermäge çagyrmak ýa-da önümleri satmak boýunça şahsy teklipleri hödürlemek;

e) Spam hüjümleri, hakerlik, maglumat tehnologiýalarynyň diwersiýasy, içalylyk we wiruslary döretmek ýa-da ibermek ýaly "kiber jenaýat" etmek;

f) Betniýetli myş-myşlary ibermek ýa-da kemsidiji ýa-da gelşiksiz materiallary geçirmek; we/ýa-da

g) "PETRONAS" kompaniýasynyň işine ýa-da abraýyna zyýan ýetirip biljek hereketlere başga görnüşde gatnaşmak.

**26.13** "PETRONAS" kompaniýasynyň enjam üpjünçiliginiň, ulgamlarynyň ýa-da maglumatlarynyň howpsuzlygyna, bitewiligine, ýaşyrynlygyna, işleýşine ýa-da elýeterliligine howp abandyryp biljek hakyky ýa-da ähtimal hadysany ýa-da ýaşyryn maglumatlaryň islendik aýan edilmesini ýüze çykarsaňyz ýa-da ondan güman etseňiz, dessine Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary boýunça tehniki hyzmat merkezine ýa-da "PETRONAS" kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa ýüz tutmaly. Ygtyýar berilmedik işe gatnaşmak bilen howpsuzlykdaky böwşeňligi subut etmäge synanyşmagyňyza rugsat berilmeýär.

**26.14** Siz "PETRONAS" kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalaryny we aragatnaşyk ulgamlaryny jogapkärçilikli we ussat görnüşde şu Kadalara we wagtal-wagtal güýje girýän beýleki "PETRONAS" kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalary boýunça syýasatlaryna hem-de tertip-düzgünlerine laýyklykda ulanmaly, muňa "PETRONAS" kompaniýasynyň Kärhananyň kiber howpsuzlygyny dolandyrmagyň çarçuwasy hem degişli, onda maglumatlaryň howpsuzlygynyň goralmagy we ulgamlaryň ulanylmagy boýunça, şeýle hem degişli sosial metbugat syýasatlary barada has jikme-jik we giňişleýin ýolbelet ýörelgeler kesgitlenýär.

**26.15** Ýerli kanunlaryň we düzgünnamalaryň talaplaryna tabynlykda, "PETRONAS" kompaniýasynyň maglumat tehnologiýalarynyň ýa-da aragatnaşyk ulgamlarynyň we enjamlarynyň üsti bilen amala aşyrylan e-poçtalaryňyzy we interneti ulanyşyňyzy "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan gözenip hem-de olara gözegçilik edilip bilner. "PETRONAS" kompaniýasynyň aragatnaşyk enjamlarynyň ýa-da ulgamlarynyň islendik görnüşde ulanylmagy hususy diýip, arkaýyn bolmaly däl.

**26.16** "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan tarapyndan wagtal-wagtal güýje girizilýän parollary goramak boýunça teswirnamalary berjaý etmek arkaly siz parollary we "PETRONAS: kompaniýasynyň maglumat ulgamlaryna birugsat girilmeginiň öňüni alýan beýleki serişdeleri goramaly.

**26.17** Isle elektron ýazgylar bolsun, isle kagyza çykarylan ýazgylar bolsun, "PETRONAS" kompaniýasynyň ýazgylary saklamaga dahylly wagtal-wagtal güýje girizýän syýasatlaryny we tertip-düzgünlerini siz hökman berjaý etmeli.

**26.18** "PETRONAS" kompaniýasynyň kompýuter ulgamlaryny ulanmagyna "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan ygtyýar berlen potratçylar we beýleki taraplar PETRONAS-yň wagtal-wagtal güýje girýän maglumat tehnologiýalary boýunça syýasatlaryny hem-de maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň howpsuzlygy boýunça düýp tertip-düzgünleri hökman berjaý etmeli.

# Bölüm II G: Päk ýürekden hyzmat etmek borçnamasyny bozýan hereketler

## 27. Daşarky hakyna tutma zähmeti ýa-da iş hereketleri

**27.1** “PETRONAS” kompaniýasynyň işgäri hökmünde siz “PETRONAS” kompaniýasyndaky zähmet borçnamalaryňyzy ýerine ýetirmek üçin wagtyňyzy we ünsüňizi bermeli. “PETRONAS” kompaniýasynyň işgäri hökmünde bölüm başlygyňyzdan ýa-da işgärler bölümiňizden aç-açan ýazmaça rugsat almazdan haýsy wezipede bolsa bolsun (başga bir kärhananyň ýolbaşçylygyna, müdirligine ýa-da ýöredilmegine gatnaşmagy hem goşmak bilen), iki işde işlemek gadagan edilýär.

Haçan-da bir işgär bir iş berijide doly wagtly wezipäni eýeleýän we zähmet hakyny alýan bolsa we başga bir iş berijide doly wagtly ýa-da doly däl wagtly goşmaça iş alsa, iki işde işleýär diýlip hasaplanýar.

**27.2** Rugsadyň berilmegi şeýle iki işde işlemegiň “PETRONAS” kompaniýasynyň öňündäki borçlaryňyzy talabalaýyk ýerine ýetirmegiňize ýa-da borçnamalaryňyzy berjaý etmegiňize galtaşmajakdygyna ýa-da zyýan ýetirmejekdigine “PETRONAS” kompaniýasyny kanagatlandyrmagyňyza tabyn bolup durýar.

**27.3** Berlen islendik rugsat “PETRONAS” kompaniýasynyň ýeke-täk özüniň karary bilen hiç hili sebäp görkezilmezden islendik wagt yzyna alnyp bilner. Şeýle ýagdaýda “PETRONAS” kompaniýasy siziň ýitgiňiziň öwezini doly möçberde doldy diýip hasaplarsyňyz we ol ozal berlen rugsadyň yzyna alynmagy baradaky kararyndan gelip çykýan islendik netije üçin jogapkärçilik çekmez.

## Girdeji getirýän işjeňlik

**27.4** “PETRONAS” kompaniýasynyň işgärleri başga girdeji getirýän işjeňlik bilen meşgullanyp ýa-da islendik daşyndan alnyp barylýan işewürlige gatnaşyp bilerler. Eger siz eýýäm gönümel ýa-da gytaklaýyn başga bir girdeji getirýän işjeňlik bilen meşgullanýan bolsaňyz ýa-da başga kompaniýanyň ýa-da kompaniýalaryň, firmalaryň, korporasiýalaryň ýolbaşçylygyna ýa-da biznes işjeňligine ýa-da başga biznes işjeňligine gatnaşýan bolsaňyz, siz öz işjeňligiňizi bölüm başlygyňyzyň ýa-da işgärler bölümiňiziň üsti bilen “PETRONAS” kompaniýasyna aýan etmeli.

Girdeji getirýän işjeňlik işgäriň “PETRONAS” kompaniýasyndaky doly wagtly iş sagatlarynyň daşynda amala aşyrylýan we garşylygynda işgäre pul girdejisini getirýän islendik işjeňligi aňladýar.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 28. Halka hyzmat, dynç alyş, sport, kärdeşler arkalyşygy we jemgyýetçilik çäreleri

**28.1** Umuman alnanda, "PETRONAS" kompaniýasy iş sagatlarynyň daşynda tölegsiz meýletin halka hyzmata, dynç alyş çärelerine, sport we beýleki jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmagyňyza rugsat berýär. Iş sagatlarynyň daşynda şeýle işjeňliklere gatnaşmak ündelýär, ýöne şeýle işjeňlikleriň adaty iş sagatlarynyň dowamynda wezipe borçlaryňyz we jogapkärçilikleriňiz bilen galtaşmagyna ýol bermeli däl.

Daşarky işjeňlikler şulary öz içine alýar, ýöne bular bilen çäklenmeýär:

a) Meýletin halka hyzmat: hökümete dahylsyz guramalaryň işjeňlikleri.

b) Dynç alyş çäreleri: Ýöriş, suwa çümmek.

c) Sport: marafon, hokkeý topary.

d) Başga jemgyýetçilik çäreleri.

e) Ýerli guramalar: RELA, JPA3, AKF (Birleşen Patyşalyk).

f) Geňeşler we jemgyýetler: MAKNA, NASOM, Transparent Hands (Birleşen Patyşalyk).

**28.2** "PETRONAS" kompaniýasynyň işgäri ýerli guramalarda hyzmat etmäge çagyrylanynda ýa-da klubyň wezipeli işgäri hökmünde bellenende ýa-da saýlananda, işgäriň şeýle bellenmekden ýa-da saýlanmakdan soň dessine işgärler bölümi bilen maslahatlaşmak arkaly özüniň bölüm başlygyndan rugsat almagy hem-de daşarky işgeňliklerini özüniň "PETRONAS" kompaniýasynddaky doly wagtly bilen deňagramly ýöredip bilmegi umumy düzgün bolup durýar. Işgär özüniň daşarky işjeňlikleri bilen we doly wagtly wezipe borçlarynyň tebigaty bilen baglylykda özüniň goşa jogapkärçiliklerini kanagatlanarly görnüşde ýerine ýetirip bilýän bolmaly. Degişli ýagdaýlarda islendik wagtda işgär özüniň "PETRONAS" kompaniýasynyň öňündäki borçlaryna we borçnamalaryna, şeýle hem "PETRONAS" kompaniýasynyň bähbitlerine zeper ýetmezligini üpjün etmeli.

**28.3** "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan kanunalaýyk görnüşde tanalýan kärdeşler arkalaşygynyň wezipeli işgäri hökmünde saýlanan işgärleriň orunlaryny we olaryň degişli zähmet

kanunçyluygyna gabat gelýän kärdeşler arkalaşygyndaky işjeňliklere gatnaşmagyny “PETRONAS’ kompaniýasy kabul edýär.

**28.4** Pul ýa-da pul däl görnüşli (ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň gorlaryndan peýdalanýan) haýyr-sahawat işleri üçin hökmany suratda “PETRONAS” kompaniýasyndan öňünden rugsat almaly we olary şu Kadalaryň islendik düzgüninden (esasan hem parahorlugyň gadagan edilmeginden) sowlup geçmek ýa-da gaça durmak üçin ulanmaly däl.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 29. Syýasy çäreler

**29.1** "PETRONAS" kompaniýasy syýasy partiýalary ýa-da ýekebara syýasatçylary goldamaýar we syýasy çärelere ýa-da partiýalaryň syýasatyna gatnaşmaýar.

Muňa garamazdan, "PETRONAS" kompaniýasy işgärleriň raýat hökmünde kanunalaýyk syýasy çärelere gatnaşmak isläp biljekdigini kabul edýär. "PETRONAS" kompaniýasy işgärleri şeýle etmekden dändirmek islemeýär, ýöne "PETRONAS" kompaniýasynyň islendik bir syýasy partiýa dahylly bolmagynyň ýa-da şonuň bilen tanalmagynyň öňüni almak üçin işgärleriň şeýle meselelerde özleriniň iş wezipeleriniň daşyndaky wagty ulanmagy ýa-da zähmet rugsady baradaky arzasynyň öňünden tassyklanmagy şerti bilen ýyllyk zähmet rugsadynda şeýtmekleri hem-de özleriniň gatnaşmagynyň "PETRONAS" kompaniýasynyň adyndan ýa-da onuň goldamagy bilendigi barada hiç hili beýannama bermezligi hökmany bolup durýar. Islendık ýagdaýda, işgär özüniň bir syýasy partiýanyň şahamçasynda, bölüminde, ştat ýa-da ýurt derejesinde wezipä bellenmegini kabul etmeli däl we işgär özüniň şeýle bellenilmegini ret etmeli.

**29.2** "PETRONAS" kompaniýasynyň bähbitlerine zeper ýetirmezlik üçin ştat, federal we/ýa-da material saýlawlarynda dalaşgär bolmak isleýän işgärleriň hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda "PETRONAS" kompaniýasyndaky işinden öz islegi boýunça boşamagy hökmany bolup durýar.

**29.3** "PETRONAS" kompanniýasyndaky wezipäňizi syýasy goşantlary goşmagy ýa-da islendik ýurtdaky syýasatçylary ýa-da olaryň partiýalaryny goldamagy üçin islendik başga bir şahsa ("PETRONAS" kompaniýasynda işleýän ýa-da işlemeýän) täsir etmek maksady bilen ulanmaly däl.

**29.4** Islendik ýurtda islendik syýasy aksiýa, partiýa ýa-da syýasatça bähbit hökmünde "PETRONAS" kompaniýasynyň gorlaryny ulanmak arkaly goşant goşmagyňyz ýa-da islendik görnüşde çykdajysyny çekmegiňiz gadagan edilýär.

**29.5** "PETRONAS" kompaniýasynyň desgalaryny, enjamlaryny we gorlaryny hiç bir syýasy aksiýa ýa-da partiýanyň funksiýalary üçin ulanmak bolmaýar.

**29.6** Haýyr-sahawat tölegleri gadagan edilen syýasy tölegleriň deregine ýa-da parany ýaşyrmak üçin ulanmak bolmaýar.

## 30. Gazetleriň redaktory hökmünde çykyş etmegiň ýa-da neşirýatyň islendik görnüşiniň gadagan edilmegi

**30.1** Işgäriň gazetleri, žurnallary ýa-da ylmy neşirleri hem goşmak bilen aşakdakylardan başga islendik çap edilýän ýa-da onlaýn neşiriň islendik birinde redaktor hökmünde çykyş etmegi ýa-da olaryň dolandyrylmagyna gönümel ýa-da gytaklaýyn gatnaşmagy gadagan edilýär:

a) Bölümiň ýa-da işgärleriň neşirleri.

b) Hünär neşirleri.

c) Syýasy däl ýa-da meýletin guramalaryň neşirleri.

Işgärler bölümi bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyndan rugsat almaly.

## 31. Metbugata gatnaşmak

**31.1** Işgär “PETRONAS” kompaniýasyndan talabalaýyk rugsat almak arkaly gazetlerde, žurnallarda, radioda ýa-da telewideniýede ýa-da islendik başga metbugatda mahabatyň ýa-da ýaýlymyň islendik görnüşine gatnaşyp biler.

**31.2** “PETRONAS” kompaniýasynda bölüm başlygyňyzdan öňünden ýazmaça rugsat almak şerti bilen işgärleriň islendik neşirlere (mysal üçin, gazetlere, žurnallara ýa-da ylmy žurnallara) edebi ýa-da ylmy makalalar bilen goşant goşmagyny höweslendirýär.

**31.3** Işgärler elmydama şulary göz öňünde tutmaly we olary gyşarnyksyz berjaý etmeli:

a) Özleriniň şahsy sosial metbugat hasaplarynda ýa-da islendik başga hasapda, ýagny, teswirleriň üsti bilen “PETRONAS” kompaniýasynyň ýaşyryn maglumatlaryny aýan etmezlik.

b) “PETRONAS” kompaniýasynyň we başga guramalaryň ýa-da şahslaryň awtorlyk hukugyny, söwda belgisini we intellektual eýeçilik hukuklaryny ýatda saklamak.

c) “PETRONAS” kompaniýasynyň brendini we abraýyny goramak hem-de “PETRONAS” kompaniýasynda kontent neşir edileninde dogruçyllyk we ussatlyk ýörelgelerini berjaý etmek.

d) Metbugat kätibi hökmünde kesgitlenmedik ýa-da bellenmedik (ygtyýarlandyrylmadyk) bolsa, “PETRONAS” kompaniýasynyň adyndan hiç hili beýannama bermezlik.

Hemme işgärler “PETRONAS” kompaniýasy barada ýa-da başga zatlar barada sosial metbugatda goýýan zatlary üçin jogapkär bolup durýar. Eger sosial metbugatdaky işjeňligiň “PETRONAS” kompaniýasynyň daşardan görnüşine we abraýyna islendik görnüşde ýaramaz täsiriniň bardygy anyklansa we şeýle täsirden güman edilse, “PETRONAS” kompaniýasy zerur düzgün-nyzam temmisini ulanmak hukugyna eýe bolup durýar.

# Bölüm II H: Aýan etmek boýunça borçnamalar

## 32. Düzgünleriň we kadalaryň bozulmalaryny habar bermek boýunça borçnamaňyz

**32.1** Şu Kadalaryň ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň başga syýasatlarynyň ýa-da başga kanuny talaplaryň bozulandygyny ýa-da bozulan bolmagynyň ahmaldygyny bilseňiz, ony ýazmaça görnüşde bölüm başlygyna, işgärler bölümine ýa-da “PETRONAS” kompaniýasyndaky habarlaşmak üçin şahsa habar bermegiňiz hökmany bolup durýar.

**32.2** Siziň ýurisdiksiýaňyza uýgunlaşdyrylan “PETRONAS” kompaniýasynyň Düzgün bozulmalar boçunça habar berilmek barada syýasatynda berlen tertip-düzgünlerden peýdalanmak arkaly hem düzgüni bozýandygy öňe sürülýän ýa-da güman edilýän islendik hereketi aýan edip bilersiňiz.

**32.3** Eger akýüreklilik, ynam bilen, erbet niýetiňiz bolmazdan ýokarda agzalan düzgünleriň ýa-da kadalaryň bozulan bolmagyny ýa-da bozuljak bolup durandygyny ýokarda beýan edilişi ýaly habar berseňiz ýa-da aýan etseňiz, derňewden soň siziň ýalňyşandygyňyz ýüze çykan ýagdaýynda hem, size temmi berilmez ýa-da islendik görnüşde ejir çekmegiňize ýa-da sizden ar alynmagyna ýol berilmez. Şu Kadalara tabyn islendik bir şahsyň akýüreklilik bilen we erbet niýeti bolmazdan ýokarda beýan edilişi ýaly habar beren ýa-da aýan eden başga bir şahsdan islendik görnüşde ar almagy gadagan edilýär we ar almaga gatnaşan şahs çökder bidüzgünçilik eden diýlip hasaplanar hem-de oňa garşy düzgün-nyzam temmisi berler. Muňa kimdir birini işden çykarmak, başga işe geçirmek, wezipesini peseltmek ýa-da oňa köpçülikde hüjüm etmek ýaly göz-görtele hereketler hem, kimdir biriniň bar ýerinden gaça durmak, ony hünär ýa-da jemgyýetçilik çärelerine gatnaşdyrmazlyk we ş.m. ýaly ar almagyň has inçe tärleri hem degişli bolup durýar.

**32.4** Şu 32-nji maddanyň düzgünleri topara degişli kompaniýaňyzdaky arz-şikaýatlaryň ele alynmagy we/ýa-da düzgün-nyzam temmileri boýunça işleriň we tertip-düzgünleriň güýjüni ýatyrmaga niýetlenilmeýär we ýurisdiksiýaňyzda hereket edýän tertip-düzgünlere we çäklendirmelere tabyn bolup durýar.

Salgylanylmaly resminama

- "PETRONAS" kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy
- "PETRONAS" kompaniýasynyň Düzgün bozulmalary boýunça habar bermek boýunça syýasaty

## 33. Artykmaç tölegleriň aýan edilmegi

Eger zähmet haky, kömek pullary, harajatlar, hak islegleri ýa-da başga öwez tölegi ýa-da ýeňillikler üçin hakyňyzdan artykmaç tölegleri alandygyňyzy anyklasaňyz, gönümel başlygyňyza we şeýle töleglerden ýa-da ýeňilliklerden jogapkär bölüme dessine habar bermeli, soňra islendik şeýle artykmaç tölegi "PETRONAS" kompaniýasyna gaýtaryp bermeli. Gaýtaryp bermedik ýagdaýyňyzda "PETRONAS" kompaniýasy şeýle artykmaç tölegleri sizden öndürip almak hukugyna eýe bolar.

# Bölüm III:

# Iş ýeriniň medeniýeti we gurşawy

## 1. Iş ýeriniň howpsuz, ygtybarly we Ýakymly bolmagynyň ähmiýeti

“PETRONAS” kompaniýasy ikitaraplaýyn we garşylykly sylag-hormat, ynanç we ynam gymmatlyklarynyň ýokarda tutulýan hem-de işjeň görnüşde höweslendirilýän howpsuz, ygtybarly we ýakymly iş ýeriniň medeniýetini we gurşawyny siziň hem goşandyňyz bilen üpjün etmegiň ugrunda tagalla edýär.

Salgylanylmaly resminama

- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 2. Hukuklaryň bikanun kemsidilmegi

**2.1** “PETRONAS” kompaniýasy iş ýerinde ýa-da iş başynda hukuklaryň bikanun kemsidilmegine geçirimlilik etmez.

**2.2** Ýerli ýurisdiksiýaňyzdaky iş ýerinde hukuklaryň kemsidilmegini gadagan edýän kanunlary hökman berjaý etmeli.

**2.3** “PETRONAS” kompaniýasy işe alanynda ýa-da hakyna tutanynda hiç bir şahsyň hukuklaryny kemsitmeýär. Muňa jyns boýunça, etniki gelip çykyşyna, reňkine, ýaşyna, erkek ýa-da aýaldygyna, jynsyny tanadyşyna ýa-da aňladyşyna, jyns meýline, syýasy ynançlaryna, raýatlygyna, milli gelip çykyşyna, dinine, zähmete ukypsyzlygyna, ene-atasynyň ýagdaýyna, ykdysady / synp ýagdaýyna ýa-da şahsyň ukybyna ýa-da onuň girmek üçin ýüz tutýan işiniň wezipesiniň talaplaryna dahylsyz häsiýetlerine esaslanýan hukuklary kemsitme degişli bolup durýar.

## 3. Durnukly ösüş

**3.1** “PETRONAS” kompaniýasy ykdysadyýet, daşky gurşaw we jemgyýet meselelerinde jogapkärçilikli tagallalar arkaly dünýädäki ýokarlanyp barýan energiýa zerurlygyny kanagatlandyrmaga kömek etmek üçin durnukly ösüşi borçnama edinýär.

**3.2** Siz dowamly durmuş taýdan bähbitleri döretmegi; işgärleriň, potratçylaryň we goňşularyň saglygyny hem-de howpsuzlygyny goramagy; jemgyýete berilýän bimazalyklary mümkin boldugyça azaltmagy; bölünip çykarylýan hapa gazlary azaltmagy; ekoulgamlara we biologiki köpdürlilige täsirini mümkin boldugyça azaltmagy; we energiýany, suwy hem-de beýleki gorlary has netijeli ulanmagy maksat edinmeli.

## 4. Geýinmegiň düzgünleri

Hemme işgärler ofisde iş sagatlarynda arassa, ýerlikli we edepli geýnen bolmaly. Hemme işgärler degişli işgärler bölümi tarapyndan berlen, geýinmäge degişli has kesgitli düzgünleri berjaý etmeli.

Salgylanylmaly resminama
- “PETRONAS” kompaniýasynyň ÖABweIAK boýunça Gollanmasy

## 5. Jyns taýdan azar bermek

**5.1** Işgärleriň beden, duýgy we psihologik abadançylygyny goramak "PETRONAS" kompaniýasynyň wajyp maksady bolup durýar. Bu babatda "PETRONAS" kompaniýasy jyns taýdan azar berilmegiň we islenilmeýän ýa-da sebäpsiz ýere söz aýtmagyň we ýakynlaşmagyň hemme görnüşlerinden goranmaga hukugyňyzyň kepillendirilen amatly iş ýeri gurşawyny üpjün etmäge borçlanýar.

**5.2** Jyns taýdan azar bermek, islenilmeýän we sebäpsiz ýere söz aýtmak we ýakynlaşmak düzgüni bozmak diýlip hasaplanar.

**5.3** Şu 5-nji bölümde "jyns taýdan azar bermek" şulary aňladýar:

Garşyňdaky şahsa islendik görnüşdäki islenilmeýän ýa-da halanmaýan ýa-da garşylyk berilmeýän jyns häsiýetli söz bilen, sözsüz, wizual, psiholigik ýa-da fiziki taýdan azar bermek:

a) Garşydaky tarapyndan makul esaslar sebäpli özüniň işine jyns häsiýetli şertler goýulýandygy ýaly düşünilmegi mümkin hereketler; we/ýa-da

b) Garşydaky tarapyndan makul esaslar sebäpli kemsitme ýa-da mertebesini peseltme ýa-da özüniň abadançylygyna howp ýaly düşünilmegi mümkin hereketler.

Iş ýerinde jyns taýdan azar bermek zähmet jogapkärçilikleriniň ýa-da zähmet gatnaşyklarynyň netijesinde iş ýerinden daşarda bolup geçýän jyns taýdan azar bermegi hem öz içine alýar. Zähmete dahylly şeýle jyns taýdan azar bermegiň bolup geçmegi ähtimal ýagdaýlar şulary öz içine alýar, ýöne bular bilen çäklenmeýär:

- Iş bilen dahylly jemgyýetdäki funksiýalarda.
- Iş ýeriniň daşyndaky işleriň bellenmeginiň dowamynda.
- Iş bilen dahylly konferensiýalarda ýa-da tälim okuwy wagtynda.
- Iş bilen bagly saparyň dowamynda.
- Telefonyň üsti bilen.
- Elektron poçta arkaly ýazylýan habarlaryňüsti bilen.

## 6. Iş ýerinde işden daşarky gatnaşyklar

**6.1** Işgärleriň hünär gatnaşyklaryndan we jemgyýetdäki dostluklaryndan öte geçýän gatnaşyklar bolsa, şeýle gatnaşyklar bähbitleriň çaknyşmagyny, şeýle hem olardan peýdalanylmagyny, adam saýlamagy ýa-da ynamsyzlygy döredip bilýär. Şeýle gatnaşyklar işgärleriň arasyndaky sylag-hormat we ynam ýaly düýp gymmatlyklaryna hem zeper ýetirip we "PETRONAS" kompaniýasynyň abraýyna hem-de dogruçyllygyna täsir edip bilýär. Şeýle gatnaşyklaryň oňa gatnaşýanlarda, şeýle hem "PETRONAS" kompaniýasyndaky beýleki işdeşlerinde nägilelik, işden ünsüň sowulmagy we ep-esli kynçylyk döretmegi gaty ähtimal bolup durýar. Şeýle ýagdaýlarda şeýle gatnaşyklar ündelmeýär. Zähmet şertnamaňyzda iş ýerindäki gatnaşyklar babatda goşmaça talaplar bar bolup biler.

**6.2** Maşgalaňyz, söýgiňiz ýa-da ýakyn gatnaşygyňyz bar bolan biri bilen gatnaşykda bolsaňyz, bähbitleriň düýpden çaknyşmagy ýüze çykýar. Hatda dürs hereket etseňiz hem, gatnaşygyňyz siziň garaýyşyňyza täsir edýän ýaly görünmegi mümkin. Şoňa görä-de, "PETRONAS" kompaniýasynyň işgäri ýa-da müdiri hökmünde, işgärler bölümi bilen maslahatlaşmak arkaly bölüm başlygyňyza (ýa-da müdirler babatda aýdylanynda, kompaniýanyň degişli kätibine) ýazmaça habar bermezden gatnaşygyňyz bar bolan islendik şahsa gönümel ýa-da gytaklaýyn başlyklyk etmegiňiz gadagan edilýär.

## 7. Zähmetiň goragy, howpsuzlyk we daşky gurşaw

**7.1** “PETRONAS” kompaniýasy özüniň desgalarynda işleýän hemme işgärler üçin howpsuz we saglyga peýdaly iş ýerini üpjün etmegi hem-de öz işleriniň daşky gurşawa täsirini mümkin boldugyça azaltmagy özüne borç edinýär.

**7.2** “PETRONAS” kompaniýasynyn-yň iş ýerindäki ähli işgärleri “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan çykarylan gollanmalarda, kitapçalarda we resminamalarda, olaryň wagtal-wagtal üýtgetme we goşmaça girizilen görnüşlerinde kesgitlenen zahmetiň howpsuzlygy we goragy barada talaplary, çäreleri, iş düzgünlerini we standart iş tetip-düzgünlerini, hemme hereket edýän kanunlary we düzgünnamalary akýüreklilik we janypkeşlik bilen berjaý etmeli.

“PETRONAS” kompaniýasynyň iş ýerindäki ähli işgärleri  pudakdaky oňat tejribäni ornaşdyrmak arkaly galyndylary azaltmak, gaýtadan ulanmak, gaýtadan işlemek we dikeltmek üçin tagalla etmeli.

## 8. Psihotrop maddalary ulanmak (neşe serişdelerini we alkogoly çendenaşa sarp etmek)

**8.1** Psihotrop serişdeleri ulanmak (8.3 maddada kesgitlenişi ýaly) işdäki öndürijilige ýaramaz täsir edip hem-de saglyga, howpsuzlyga we daşky gurşawa howp abandyryp bilýär. Şol sebäpli, "PETRONAS" kompaniýasynyň syýasatyna laýyklykda onuň iş ýerleriniň çäginde ýa-da onuň işini ýöretmegiň dowamynda islendik psihotrop serişdesiniň birugsat sarp edilmegi, ýanyňda göterilmegi, paýlanylmagy, satyn alynmagy ýa-da satylmagy ýa-da iş wagtynda islendik şeýle maddanyň täsiri astynda bolunmagy gadagan edilýär. Bu babatda şu Kadalaryň çägine girýän hemme şahslar psihotrop serişdeleriň sarp edilmegi barada PETRONAS tarapyndan çykarylan syýasatlary we tertip-düzgünleri, olaryň wagtal-wagtal üýtgetme we goşmaça girizilen görnüşlerini berk berjaý etmeli we ýerine ýetirmeli, olaryň nusgalary Saglyk, howpsuzlyk we daşky gurşaw toparynda elýeter bolup durýar. Kesgitlenen keselleriň bejergisi üçin lukman tarapyndan ýazylan kanunalaýyk psihotrop dermanlaryň degişli iş ýerlerinde ýa-da işjeňlikde ygtyýarlyklary bolan "PETRONAS" kompaniýasynyň ýolbaşçylaryndan öňünden rugsat almak arkaly sarp edilmegine rugsat berilýär.

**8.2** Şu syýasatyň berjaý edilýändigine göz ýetirmek üçin "PETRONAS" kompaniýasynyň özüniň syýasatlaryna laýyklykda we hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna tabynlykda öňünden habar bermezden psihotrop serişdeleriň bardygyny ýa-da ýokdugyny barlap ýa-da olaryň ýanlaryny agtaryp biler.

Şu Kadalaryň çägine girýän islendik şahsyň ýanynda rugsat berilmedik islendik psihotrop madda tapylsa ýa-da barlagyň netisinde onuň bedeninde islendik psihotrop maddanyň bardygy ýüze çykarylan ýagdaýynda, ol düzgüni bozan diýip hasaplanýar we onuň netijesinde oňa işden çykarylmaga çenli baryp ýetýän düzgün-nyzam temmisi berlip bilner. Iş alnyp barylýan ýurisdiksiýadaky ýerli kanunlara tabyn bolmak şerti bilen, işgärler "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan çykarylan degişli resminamalara gol çekmek arkaly "PETRONAS" kompaniýasy tarapyndan ygtyýar berlen şahslaryň ýa-da barlaghananyň özlerini barlamagyna we ýanlaryny agtarmagyna razylyk bermäge borçly bolup durýarlar. Mundan başga-da, şeýle barlagdan geçýän işgärler netijeleriň "PETRONAS" kompaniýasyna berilmegine razylyk bermäge borçly bolup durýarlar.

**8.3** Şu Kadalaryň çäginde "psihotrop serişdeleriň ulanylmagy" islendik bikanun neşeleri, düzüminde etanol bolan alkogolly içgileri, lukmanyň ýazan maslahaty bolmazdan edinilen ýa-da ulanylan kanunalaýyk psihotrop dermanlary we bejerginiň ýa-da ýazylmagynyň maksatlaryndan öte ulanylan kanunalaýyk görnüşde lukman tarapyndan ýazylan psihotrop dermanlary aňladýar.

**8.4** "PETRONAS" kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan iş alyp barýan hemme üçünji taraplaryň we "PETRONAS" kompaniýasynyň iş ýerlerindäki islendik başga şahslaryň işgärleriniň arasynda psihotrop maddalaryň ulanylmagyna ýeterlik gözegçilik edilýändigini we onuň "PETRONAS" kompaniýasynyň ülňülerine gabat gelýändigini kepillendirmek üçin gözegçilik edilýän maddalaryň meýilnamalarynyň özleriniň zähmetiň howpsuzlygyny we goragyny dolandyrmagynyň bir bölegi bolup durýandygyny görkezmekleri hökmany bolup durýar.

## 9. Pul karz almak

**9.1** Hiç hili ýagdaýda tabynlygyňyzdaky birinden, "PETRONAS" kompaniýasynyň potratçylaryndan, kömekçi potratçylaryndan, satyjylaryndan, geňeşçilerinden ýa-da üpjünçilerinden ýa-da "PETRONAS" kompaniýasy bilen geleşikleri bolan islendik başga ýuridik tarapdan pul karz almagyňyza, soramagyňyza, olara karz bermegiňize rugsat berilmeýär.

**9.2** Ýokardakylara we size degişli "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan kesgitlenen islendik çäklendirmelere laýyklykda, özüňizi islendik şahsyň öňünde hiç hili agyr borçnama girizmezlik şerti bilen islendik şahsdan pul karz alyp ýa-da islendik karz alyja zamunçy ýa-da kepil bolup bilersiňiz:

a) Ol gönümel ýa-da gytaklaýyn siziň resmi ygtyýarlyklaryňyza tabyn bolsa.

b) Onuň bilen resmi geleşikleriňiz bar bolsa ýa-da şeýle gelişkleriň bolmagy ähtimal bolsa.

## 10. Iş ýerinde kemsitmek we azar bermek

**10.1** “PETRONAS” kompaniýasy iş ýerinde ýa-da işiň başynda kemsitmelere we azar berilmegine geçirimlilik etmez.

**10.2** Iş ýerinde kemsitmek garşydakynyň özüni göwnüçökgün, gorkuzylan, kemsidilen ýa-da böwşeň duýmagyna sebäp bolýan gaýtalanýan, kemsidiji, göwnedegiji, haýbat atýan ýa-da sögünçli hereket hökmünde kesgitlenilýär.

**10.3** Iş ýerine kemsitme iş ýerindäki başga bir şahs ýa-da adamlaryň topary tarapyndan dilden, beden taýdan, sosial ýa-da psihologik taýdan azar berilmegi görnüşinde bolup bilýär.

**10.4** Azar berilmegi garşydakynyň maşgala ýagdaýyna, aýaldygyna ýa-da erkekdigine, dinine ýa-da ynanjyna, ýaşyna, jynsyna ýa-da zähmete ukypsyzlygyna gönükdirilen, işdäki islendik biriniň mertebesine täsir edýän ýa-da gorkuzyjy, duşmançylykly, masgaralaýjy, mertebäni kemsidiji ýa-da göwnedegiji gurşawy döredýän gaýtalanýan we/ýa-da dowamly görnüşdäki islenilmeýän beden taýdan, dilden ýa-da sözsüz hereketlere esaslanýar.

**10.5** Iş ýerinde kemsitmegiň we azar bermegiň mysaly

a) Dilden kemsitmek: Bir şahsa ýa-da onuň maşgalasyna töhmet, olaryň üstünden gülmek ýa-da göwnüne degmek; şol şahsy yzygider görnüşde degişmelerde ýatlamak ýa-da ulanmak, kemsidiji, paýyş ýa-da mertebäni peseldýän, ynjydýan we sögünç bellikler.

b) Beden taýdan azar bermek: itmek, itermek, depmek, dürtmek, aýagyndan çilmek, topulmak ýa-da topularyn diýip haýbat atmak, şahsyň iş ýerine ýa-da emlägine zyýan ýetirmek.

c) Ümler bilen kemsitmek: Haýbat atýan manylary ýa-da duşmançylygy ýetirip bilýän sözsüz haýbat ümleri, garaýyşlar ýa-da ýüz keşpleri.

d) Çetleşdirmek: Bir şahsy iş bilen dahylly işjeňliklerde durmuş taýdan ýa-da fiziki taýdan çetleşdirmek, goşmazlyk ýa-da äsgermezlik.

e) Kiber kemsitme.

f) Başgalara rehimsiz daraşmak: Öz wezipäňi başgalara rehimsiz ýa-da zabun daraşmak üçin ulanmak.

g) Başgalary garalamak, kemsitmek ýa-da abraýdan gaçyrmak.

## 11. Adam hukuklary

**11.1** “PETRONAS” kompaniýasy özüniň iş alyp barýan ähli hemme ugurlarynda adam hukuklaryny hormatlamagy borçnama edinýär we biziň adam hukuklary babatda borçnamamyz hemme işgärlere we “PETRONAS” kompaniýasy üçin ýa-da onuň adyndan işi ýerine ýetirýän üçünji taraplara we “PETRONAS” kompaniýasynyň iş ýerlerindäki islendik başga şahslara degişli bolup durýar.

**11.2** Siz çagalaryň zähmetinden peýdalanmaly däl we öz iş alyp barýan ýurduňyzdaky ýa-da ýurtlaryňyzdaky zähmet babatda hereket edýän iň pes ýaşa degişli talaplary berjaý edýän şahslary işe almaly.

**11.3** Zor bilen, daňyp ýa-da isleginiň garşysyna işletmegi hem goşmak bilen adam söwdasyna ýa-da häzirki zaman gulçulygyna gatnaşmagyňyz ýa-da ony goldamagyňyz gadagan edilýär.

**11.4** Siz “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan talap edilýän ähli tälim okuwlaryna / ýygnaklara gatnaşmaly.

# Bölüm IV:
# Düzgün-nyzam, düzgün-nyzamy berjaý etmek boýunça çäreler we sanksiýalar

## 1. Özüňi oňat alyp barmagyň we tertip-düzüni berjaý etmegiň ähmiýeti

**1.1** “PETRONAS” kompaniýasynyňyň işgärleriniň arasynda tertip-düzgüniň, özüňi oňat alyp barmagyň we sypaýylygyň saklanmagy onuň işewürliginiň ýa-da kärhanasynyň meselesiz işlemegi üçin wajyp bolup durýar we “PETRONAS” kompaniýasynyň hem-de onuň işgärleriniň umumy bähbidi bolup durýar.

**1.2** “Düzgüniň bozulmagy” adalgasy nädogry hereketleri ýa-da borçlara we işe degişlilikde “PETRONAS” kompaniýasynyň öňündäki borçlaryň göwnejaý ýerine ýetirilmegine gabat gelmeýän hereketi ýa-da özüňi alyp barmagy aňladýar hem-de düzgüniň bozulmagyny ýa-da şu Kadalaryň ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň islendik kitapçalarynda, syýasatlarynda ýa-da tertip-düzgün beýannamalarynda ýa-da islendik resminamasynda kesgitlenen düzgünleriň ýa-da düzgünnamalaryň bozulmagyny öz içine alýar.

**1.3** Şular düzgüni bozýan hereketleri düzýär, şu Kadalaryň çägindäki şahs hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda  bu hereketler üçin düzgün-nyzam temmisi berilmegine degişli bolup biler:

i. Ýolbaşçylara boýun egmezlik.

ii. Gijä galmak.

iii. Iş ýerinde bolmazlyk.

iv. Zorlukly hereketler ýa-da zorluk ulanjakdygyňy aýdyp, haýbat atmak (işgärlere, müşderilere, potratçylara ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň iş ýerine gelenlere topulmagy we olar bilen uruşmagy hem öz içine alýar).

v. Ogurlyk, kezzaplyk, bikanun görnüşde öz adyňa geçirmek.

vi. Özüňi dogruçyl alyp barmazlyk ýa-da dogruçyllygyňdan güman ediljek görnüşde özüňi alyp barmak.

vii. Islendik birine “PETRONAS” kompaniýasynyň emlägini ogurlamaga ýardam bermek ýa-da oňa ogurlamakda kömek etmek.

viii. Wezipe borçnamalaryna sowuk-sala çemeleşmek, olary äsgermezlik ýa-da ýerine ýetirmezlik.

ix. Işiň başynda uklamak.

x. “PETRONAS” kompaniýasynyň emlägine bilkastlaýyn zyýan ýetirmek.

xi. Iş sagatlarynyň dowamynda ýerlikli rugsady almazdan iş ýerinden gitmek.

xii. Iş ýerinde jyns taýdan ahlaksyzlyk.

xiii. Işde ýa-da öndürijiligiňize täsir etjek görnüşde psihotrop serişdeleri ulanmak.

xiv. Işe geleninde ýa-da işden gidileninde edilýän bellige başga işgärleriň ýerine bellik etdirmek.

xv. Jyns taýdan azar bermek

xvi. Iş ýerinde kemsitmek we azar bermek.

xvii. Başga işgärleriň öz iş borçlaryny ýerine ýetirmegine päsgel bermek.

xviii. “PETRONAS” kompaniýasynyň iş ýerlerinde humar oýnamak.

xix. Howpsuzlyk çärelerini ýa-da düzgünlerini berjaý etmezlik ýa-da “PETRONAS” kompaniýasynyň iş ýerlerinde ýa-da olaryň töwereginde gurnalan islendik howpsuzlyk enjamlaryny dörjelemek ýa-da bozmak.

xx. Para bermek ýa-da almak ýa-da pul görnüşinde ýa-da başga görnüşde bikanun peşgeşleri almak ýaly islendik bikanun ýa-da ahlaga ters işlere gatnaşmak.

xxi. “PETRONAS” kompaniýasynyň hyzmatynda wagtyňyz “PETRONAS” kompaniýasyndan birugsat başga işe / işewürlige girmek.

xxii. “PETRONAS” kompaniýasynyň daşardan görnüşine ýa-da abraýyna ýaramaz täsir edip biljek islendik hereket.

xxiii. “PETRONAS” kompaniýasynyň kompýuter we telekommunikasiýa ulgamlarynyň nädogry ulanylmagy (mysal üçin, işe dahylsyz internet saýtlaryna (sosial torlarynyň websaýtlary ýaly), pornografiýa saýtlaryna çendenaşa köp girilmegi we kompýuter enjam üpjünçiliginiň ýa-da programma üpjünçiliginiň bilkastlaýyn dörjelenmegi ýa-da birugsat ulanylmagy).

xxiv. “PETRONAS” kompaniýasynyň Düzgün bozulmalary boýunça habar bermek barada syýasaty tarapyndan goralýan ýagdaýlarda şahslara garşy ar alyş hereketlerini ýerine ýetirmek.

xxv. Ýeterlik derejede netijeli däldigiňiz barada netijä gelinmegine makul esas döredýän görnüşde özüňi alyp barmak.

xxvi. Şu Kadalarda kesgitlenen islendik syýasatlary ýa-da gadagan edilenleri bozmak.

xxvii. Şu Kadalarda kesgitlenen syýasatlardan we gadagan edilenlerden sowlup geçmek üçin çäreleri durmuşa geçirmek.

xxviii. “PETRONAS” kompaniýasynyň işewürligine hem-de işlerine degişli hemme kanunlary we düzgünnamalary berjaý etmezlik.

xxix. Ygtyýarlyklaryň çäklerini (LOA) we “PETRONAS” kompaniýasynyň tehniki ülňülerini hem goşmak bilen, ýöne bular bilen çäklenmezden, “PETRONAS” kompaniýasy tarapyndan ornaşdyrylan hereket edýän syýasatlary, düzgünleri we tertip-düzgünleri berjaý etmezlik.

xxx. Jenaýat işlerine garaýan kazyýetiň hökümi.

xxxi. Islendik düzgün-nyzam meselesine ýa-da düzgüniň bozulmagyna geçirimlilik etmek ýa-da oňa garşy çäre görmezlik.

xxxii. Işiň dowamynda ýa-da islendik resminamany tabşyrmagyň dowamynda ony galplaşdyrmak / üýtgetmek / üýtgetme girizmek.

xxxiii. Işe girmezden öň ýa-da işleýän wagtyňyzyň dowamynda ýalan maglumat bermek.

xxxiv. Maglumaty bilkastlaýyn ýaşyrmak, ýagny, Kompaniýa tarapyndan derňew geçirilýän wagty möhüm maglumatlary aýan etmezlik.

**1.4** Düzgün bozulmalaryň görnüşleriniň ýokardaky sanawy düzgün bozulmalaryň hemme görnüşini öz içine alýar diýip hasaplamaly däl, mundan başga-da, güman gitmez ýaly, agzalan sanaw ýokardaky IV bölümiň 1.2 maddasynda kesgitlenen düzgüniň bozulmagynyň manysyny peseltmeýär.

**1.5** Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, düzgüniň bozulmagy ýa-da şeýle kanunlaryň, düzgünnamalaryň, düzgünleriň we tertip-düzgünleriň berjaý edilmezligi sebäpli şu Kadalaryň çägine girýän islendik şahsa garşy düzgün-nyzam çäresi görlüp bilner.

## 2. Düzgün-nyzamy berjaý etmek boýunça çäreler we sanksiýalar

Siziň ýurisdiksiýaňyza degişli düzgün-nyzam proseduralary we çäreleri barada düzgünler "ÖABweIAK" Goşundy: Türkmenistan kesgitlenilýär. Eger siziň ýurisdiksiýaňyz üçin şeýle goşundyda hiç hili düzgün kesgitlenmedik bolsa, her gezekde hereket edýän kanunçylyga laýyklykda siziň ýurisdiksiýaňyzda kompaniýanyň syýasatynyň bozulmagy ele alnanda standart düzgün-nyzam düzgünleri we tejribeleri ulanylar. Bu barada has giňişleýin maglumaty işgärler bölüminden almak bolar.

PETROLIAM NASIONAL BERHAD (PETRONAS)
197401002911 (20076-K)

Kanuny berjaý etmek boýunça bölüm
Hukuk topary
65-nji gat, Diň 1, PETRONAS Twin Towers, Kuala-Lumpur şäher merkezi,
50088 Kuala-Lumpur, Malayziýa

Soraglaryňyz ýüze çykan ýagdaýynda, Özüňi alyp baryş we iş ahlak Kadalary boýunça kömek belgisine ýüz tutuň:
cobe@petronas.com.my

www.petronas.com